
ŞIRALY NURMYRADOW
HEÝKELLER
ÝYLGYRMAÝAR

## DURMUŞ

Kimse barýar ot göterip bu ýoldan,
Kimse ýeke gysym kül alyp barýar.
Kim ýarag göterýär ýagşy net bilen,
Kim gara päl bilen gül alyp barýar.

* * * *

Söýgi bir aýdym bolsa,
Tarsyz tamdyraň näme?
Söýgi bir güneş bolsa,
Eliňde çyraň näme?

Söýgi bahar-ýaz bolsa,
Müň ýyllyk buzuň näme?
Bir açyk ýara bolsa,
Burç bile duzuň näme?

Söýgi bir mizan bolsa,
Wah, bitaý ýüküň näme?
...Eger-de söýen bolsaň,
Gözüňde okuň näme?

Eger näz edýän bolsaň,
Eliňde daşyň näme?
Eger aldaýan bolsaň,
Gözüňde ýaşyň näme?

## PELLEHANA

Ylgamak kyn.
Ýollar durşuna çäge.
Sen wagtyňy däl-de,
Ädimňi sana.
Gyssanýan ýok,
Howlugýan ýok ýetmäge...
Hawa,
Şeýleräk-dä bu pellehana.

Irden suwa barýan ulugyz ýaly
Aýagyň burnuna paýhasly garap,
Seresap ädimlap,
Saýhally ýöräp:
Gaşyň çytsaň —doňup,
Ýylgyrsaň — eräp.
Kelebiň ujuny beýniňe sarap,
Gidiber külterläp bu täsin ýoly.

Büdremegiň mümkin —
Zeýrenme ýöne,
Mümkin azaşmagyň —
Sabyrly bol sen.
Köteller,
Öwrümler...
Bu zatlar köne
Olara çykyşyň täzeräk bolsun.

Bu kyn ýaryş —
Taýynlykly gelmeseň.
Bäsdeşem ýok;
Çekýänem ýok ýeňiňden.
Aýlanyp-dolanyp,
Itip bilmeseň,
pellehanaň özi çykar öňüňden.

A sen gudurama sähelçe zada:
Sähelçe zat üçin gaşyňam çytma.
Bilmedim,
Gör haçan ýazylan kada;
«Dinden çykanyň hiç,
Ilden bir çykma».

Ýagşyňy ýamandan ýaşyryp ýaşa;
Ýaşa ýamanyňy ýagşydan gizläp.
(Ah, ozal-a paltaň degmesin daşa.
Degdimi?
Çyňsama çykalga gözläp!)

Gizle şat bendeden gara günüňi
Gizle şat günüňi aglap durandan.
Dörjeme ojagyň sowan külüni
— Gizle perzendiňi «Hudaýurandan»
.
Gelse işigiňden zürýatsyz bende,
Çagalaryň daşarlarda oýnasyn.
Bir öýüň bazarna gözi düşende,
Başga öýüň mazardygyn duýmasyn...

Jany ýanan kişä maslahat salma
Agyrdyr,
Göterme kişi günäsin...
Gaýyn eneňi görmän ýassykdaş alma,
«Telpegi aganlaň» diňläp gör käsin.

Gara baş ýekedir –
Kyn günüň egme:
Aç günüň şükür et tapanyň iýip...
Garrylyk dert bolup, gonanda egne,
Öwünme:
"Biz ynha şeýderdik!.." diýip.

Hawa
Aýagyňdan aslyşýar çäge,
A sen barýaň:
Garşylyklar güýjeýä.
...Tiziräk ulalmagy isleýär çaga,
A ulular çagalygy küýseýär...

Guzy diş,
Gara saç...
Amanat bular.
Juda ýowuz bu ýaşaýşyň şertleri.
...Durmuş diýeniň bir
Jadygöý bolar,
Özi saýlar namartlary, mertleri.

Şert köpmi?
Mert köpmi?
Zor bolsaň sana!
Ýazylmadyk kanun ýazylandan kän...
Hawa
Şeýleräk-dä bu pellehana:
Ýolda azaşýan kän.
Galan ýok ýetmän.

## DÜŞÜNIŞMEZLIK

Şeýle pursat geldi —
Men ýeke galdym.
Ne ýakynym,
Ne dostum bar ýanymda.
Tutyny goýberip,
Aýnany ýapyp,
Bir aýylganç gygyranym ýadymda.

Şeýle bir gygyrdym —
Ýassygy çeýnäp!
Öz sesime gulaklarym gapyldy.
Ötegçi akyp dur eýläk-de beýläk,
Ne-hä eşden,
Ne-de gelen tapyldy.

Dost-ýaryma ýeke-ýeke jaň etdim,
Kimsi öýünde ýok,
Kim zerur işli.
Ot alan otagda galan güjük deý,
Ýürek urnup—urnup, ýerinden süýşdi.

Ýene-de gygyrdym penjirä bakyp,
Tapylmazmy, heý, göwünlik berenler?
...Birniň sesi geldi:
«Henizem bar-ow
Mesligine çydap bilmän ýörenler!..»

## BELKI, GELERSIŇ...

Irginsiz güýz şemaly
Hüwdüleýä ýaýlamy...
Gije girýä gapymdan
Şemal kakýa aýnamy.

Ynanamok. Garaşýan.
Gitdigiňmi, Ejebaý?
Bagtym bolup deňimden
Ötdügiňmi, Ejebaý?

Öýmäň maňa ýat boldy,
Gaýyp boldy keteniň...
Bagtym diýip gol berdim,
Gara bagtym ekeniň.

Dolanarňa garaşyp,
Aý-günümi sanadym.
Towy ýatdy bireýýäm
Dulda duran sagadyň,

On iki gözi gapyda,
Sen gideliň dymyp dur,
Seň gelerňe garaşyp,
On iki gözün ýumup dur.

Şemal açýa aýnamy,
Galgaşyp dur tutular...
Bu synamyň ýarasy
Gör, nämahal gutular?

Nesibämden uzakda
Gör, näçe wagt gezersiň?!
Ynanamok. Garaşýan.
Belki, bir gün gelersiň...

Gam kölüniň düýbüne
Leňňer bolup bataýyn.
Müňläp ýol bar jahanda
Haýsy birne bakaýyn?!

Özge bilen ömrüňi
Çatdygyňmy, Ejebaý?
Ömrüzaýa ýyldyzym...
Batdygyňmy, Ejebaý?

Bagtym diýip gol berdim,
Gara bagtym ekeniň...
Galgaşyp dur tutular—
Ýada düşýä keteniň...

****

Dag başynda mesgen tutan bürgüdi,
Düşürip, düz ýerden ýöredip bolmaz.

Bir biçärä wepa bermedik äri,
Il-günüň derdine ýaradyp bolmaz.

Bir äre dodagyn çöwren zenany,
Ikinjiň agzyna garadyp bolmaz.

Ýeke sözden buza dönen ýüregi,
Gaýdyp müň söz bilen eredip bolmaz.

Adamyň ykbaly Gün ýaly bir zat -
Gözüň gamaşdyrar, seredip bolmaz.

## DÄLIDEN DOGRY HABAR

*G. A.*

Gel, bar zady edeli biz ýerbe-ýer,
Bar zady edeli çöp döwlen ýaly.
Bu nä duýgy boldy —
Jana derdeser?!
Mundan beter nämemiş muň hyýaly?!

Ýa bile gideli bir ýola düşüp,
Ýa rugsat ber —
Öz ýoluma gideýin.
Men ýaşap bilemok çöküme düşüp,
Dyzym epilenok —
Nalaç edeýin!

Ýitgiler kän.
Ýene birine dözüler.
Oda ýanyp boldummy men gap-gara?!
Gowsy «Ýok» diý —
Göni bakyp gözüme,
«Hawa» diýme —
Ýüzüň sowup gapdala.

## HAWA, DOGRY...

Biwepalyk edip, bagtly bolan ýok.
Enäni ynjydyp, alkyş alan ýok.
Döwletli bolan ýok, ogurlyk edip.
Gülen ýok, söýgüsin gözýaşa ezip.

Ile baş bolan ýok, binamys bolup.
Dişi ýylgyran ýok, ýat güli ýolup.
Söz peýkamyn, ýok yzyna gaýtaran.
Ömür sazyn, ýok täzeden gaýtalan...

Hawa, dogry.
Köre hasa bu zatlar.
ýöne nirden çykýa munça güzaplar?
Nirden çykýa munça gözýaş,
Munça gan?
Düşünýän kän.
Jogap berjek barmykan?

## M. A.

Daşarda harasat.
Şemal.
Aýaz.
Gar...
Birdenem,
Ýyldyrym çakdy diýseler,
Ýylçyr gaýaň ýüzün örten kömelek
Gara daşy ýaryp çykdy diýseler,
Suw boýuny syryp gaýdýan derekler
Elwan-elwan gül açypdyr diýseler,
Agzyna suw alan dymma balyklar
Suwdan çykyp, dil açypdyr diýseler,
Gündogarda Gün ýaşypdyr diýseler,
Diýseler, Gün günbatardan dogupdyr,
Ýa diýseler tomsuň ortaky aýy
Garagumda guýy suwy doňupdyr...
Diýseler, diýseler, ýene diýseler...
Mümkin, baryna-da ynanardym men.
«Giňdir jahan, geňdir jahan»,
Kim bilýä,
Bolmajak zatlaram bolaýýa birden.
...Çokunanym,
Sygynanym,
Söýenim!
Sen menden dänipsiň diýseler bir gün
— Men-ä şonda «Ýalan!» diýip aglaýyn,
Senem «ýok, çyn!» diýip, bir şarpyk bergin!

**BILÝÄŇMI KIM SEN**

Owazym sen —
Ykbalymy oýadan.
Mumyýam sen —
Atyp aldym gaýadan.

Ganatly bagtym sen,
Pyýada ýetdim.
Tylla balygym sen,
Tor gurup tutdum.

Ertirim sen,
şu günüm sen,
düýnüm sen.
Elwan baharym sen,
Tylla güýzüm sen.

Namysym sen —
Görejim deý goradym.
Medinäm sen —
derwüş bolup soradym.

Baş goýdum ýoluňa,
Kükregim açdym.
Bilýäň sen
näçe ýyl
nädip garaşdym!

Bilýäň,
ne dertlere dözmeli boldum,
Bilýäň,
ne şertleri bozmaly boldum.

Ah, indi
şeýle bir goraryn gaýym:
Söweş baýdagym sen —
Taşlasam — haýyn.

Sen –
ömür kerwenim.
Iň soňky pelläm.
Sen--
özüme goýan
iň soňky güllәm...

## «GARAGYŇ AKSYN!..»

Adamlara,
Aýdymlara ynanyp,
Ýüregmi aýamda göterip gezdim.
Ýagşylyga maýsa bolup ýranyp,
Ýamanlyga welin gaýa deý dözdüm.

Gara çynym bilen uýdum päklige,
Sadalyga uýdum.
Güp gitdim gepe...
Ýaşadym gol bermän ýeketäklige,
«Ýaşasyn gözellik!..
Gitdikmi, şepe?..»

Dost öňüne atdym ünjä gidende,
Kä
Gyz ýaýdananda öňüne atdym.
Nämüçindir
Her sapar «jig-g» edende:
«Taňrym, bu nämekä?» —
Pikire batdym.

Ýazyk, günä...
Öz-özünden ötülýä
Erkgala deý boşap galan gursakda...
Men ýüregmi güjeňlänme ökünýän,
Has pugtarak gizlemeli pursatda.

Men ony taplamak isledim diňe
Gorap dilden-gözden üstün ýapmadym.
Ýöne...
Ahyr bir gün bakamda siňe,
Ýekeje-de abat ýerin tapmadym.

(Gyýym-gyýym gyýylypdyr jigerim,
Dilim-dilim dilinipdir jigerim.
Bu görünýän gara-gara tegmiller
— Aldanan,
Azaşan,
Ýalňyşan... ýerim.

Öz çägiňden çykmak şeýle bir aňsat,
Yzyňa dolanmak çaklaşyňdan kyn...
«Mundan çepe gitseň — keramat aňtap
— Gaýdyp geleriňden gelmeziň ýakyn...»

Käte ýat illere nesibäm çekdi,
Käte saklatmady gözümiň ýaşy...
...Çykaranym bir näzijek ýürekdi,
A yzyna saldym bir tokga daşy...

## GUTULGYSYZLYK

Şunça ýyl garaşdym.
Gözledim. Tapdym.
Ýüregme saldym-da, içinden ýapdym...
«Tapdym!» diýip, göge zyňan telpegim
Yzyna gaçýança ýitjegňi bilsem,
Zöhre ýyldyzym diýip guwanyp ýörkäm,
Ömrüzaýam bolup batjagňy bilsem,
Jarka urup ykbalymyň gapysyn,
Petlesin goparyp gitjegňi bilsem,
Kepderi deý egne gonan bagtymyň
Keýp edip ganatyn ütjegňi bilsem,
Enemden-atamdan, gizlän syrymy
Bazara çykaryp satjagňy bilsem,
Boz maral deý süýnüp giden söýgimiň
Yzyndan ok bolup ýetjegňi bilsem...
Şu zatlary bilen bolsam öňünden
— Geçip gidip bilermidim deňiňden?

## PURSAT

Serhowuzdan çykan juwan gyz deýin
Aý gizlendi töweregne garanyp.
Döwüň gowagyna dönen gözýetim
Şeýtanyň kalby deý ýatyr garalyp.

Aýperiň üzülen hünjüsi deýin
ýyldyzlar birgeňsi pytraşyp ýatyr.
Pyragyň goşgusyn diňleýän ýaly
Baglar gamly başyn yralap otyr...

## Ak goşgy

Göçgünli aýdymlaň gyryldy sesi.
Düşdi sazlaň buýra-buýra saçlary.
Gurak protokola döndi goşgular.
Süýt deý çogan gülkiň döküldi dişi.
Otly geçip gitdi
Hiç ýerde durman.
Durna uçdy
Aýtman nirä gidýänin...
Iki bolup garşylapdyk bir bagty.
Indem iki sany betbagtlygy
Aýry-aýrylykda ugratjak bolýas.
Gyzgyn pyşyrdydan iren gulaklar
Zar boldy ýekeje mylaýym söze.
Seni aýasynda göteren eller
Bir gap otluçöpi bilenok saklap,
Tikeniň awusyn duýmadyk aýak
Gyrtyjyň üstünden ýöräp bilenok.
Meni öýe salyp bilmedik ýürek
Indi öýden daş çykaryp bilenok.
Bolanok.

## SEN AÝDYM AÝDAŇDA...

*Läle Güýjowa*

Sen aýdym aýdaňda dymanok guşlar,
Bilbillerem saýramasyn kesenok.
Bu güller,
Ekinler,
Otlar,
Agaçlar
Seň sesiňden ganyp,
Suwsuz ösenok.
Aýdymyňa melul bolup durnalar
Öz ýolun terk edip,
Düşenok ýere.
«Mahmal owazyňy eşden gojalar»
Göçenok,
Sakgalyn galgadyp ýele.
Üýtgeşik bolýan zat göräýmäge ýok,
Ýöne baş egmäge taýyn bahana:
Bir-ä seniň sesiň zala syganok.
Birem men sygamok

****

Gyş göterýä gülberin,
Ýaz göterýä güllerin,
Tälim alyp tomusdan
Güýz sanaýa günlerin.

Güýz sanaýa günlerin,
Güýz günleri geçip dur,
Güýz günleri agaçdan
Ýaprak bolup gaçyp dur.

Ejizleýä ýapraklar,
Güýz şemaly güýjeýä.
Oýa batan agaçlar,
Öten ýazy küýseýä.

Gizlenipdir ýeten ýaz ,
Ýapraklaryň astyna.
Çykypdyr güýz şemaly,
Güýz gününiň kastyna.

Ýaprak bulap agaçlar,
Öten ýazy çagyrýa...
Öten ýazyň yzynda ,
Gara saçlar çalarýa.

Gara saçlar agarýa,
Öten ýazdan derek ýok.
Öten ýazky çynar dur,
Öten ýazky derek ýok.

Agaçlaryň gözýaşy,
Ýaprak bolup dökülýä.
Ýaprak bolup zemini,
Ýapjak bolup dökülýä.

Ýerden giden ýapraklar,
Dolanýalar yzyna...
Men bolsam güýz garaşýan,
Öten ýazyň gyzyna;

Öten ýazyň bir güni,
Öten ýazyň bir güli,
Sowgat edip söýgüsin,
Goýdy meni bergili.

Bergi galdy üzülmez,
Dessan galdy ýazylman.
Balyk boldy ak goşar,
— Serhet galdy bozulman...

Aýra düşen ykballaň,
Ýalňyşyny gözlämok...
Güýz gününiň gussasyn,
Güýz gününden gizlämok.

Ýerden giden ýapraklar,
Dolanýalar yzyna.
Men bolsam güýz garaşýan,
Öten ýazyň gyzyna.

Öten ýazyň yzynda,
Gara saçlar çalarýa.
Oýa batan agaçlar,
Öten ýazy çagyrýa.

Ýere siňýä ýapraklar,
Gara saçlar agarýa.
Agaçlaryň gözýaşy,
Göz-görtele azalýa.

Nirä gitdiň öten ýaz,
Näme senden derek ýok?!
Sessiz-üýnsüz çynar dur,
Çawuş çakýan derek ýok.

Ejizleýä ýapraklar,
Güýz şemaly güýjeýä.
Oýa batan agaçlar,
Öten ýazy küýseýä...

## SEN WE ÖÝMÄŇ

Bilerin ýanyp-köýmän.
Bilmerin seni söýmän.
Bagtymyň daňy ýaly,
Öwşün atýar al öýmäň.

Öýmän ýele galgasyn,
Öýmäň ýene galgasyn.
Meni ýola ugradyp,
Ýel başynda galmasyn.

Bilbil uçar bagymdan,
Jeren gaçar dagymdan.
— Jyda düşsem bir mahal,
Mukaddes didaryňdan.

Agyr gussa bataýyn,
Bagtyma pal ataýyn.
Aýralyk derýa bolsa,
Köpri bolup ýataýyn.

Bahar gülsüz bolarmy,
Tomus günsüz bolarmy?
Hoşlaşman giden ýyllar,
Ýene gaýdyp gelermi?

Menem gidýän, hoşlaşýan,
Didaryndan daşlaşýan.
ýöne...
gaýdyp gelerin
Ejizlige baş goşman.

Uzak ömrüm azalar.
Gara saçym agarar.
Ýowuz günäm üstüme
Doga dönüp abanar.

Öýmän ýele galgasyn,
Öýmäň ýene galgasyn.
Mähre teşne ýüregim,
Gül meňzinden ganmasyn...
...Agyr ýükli ykbalym,
Orta ýolda galmasyn...

## DAGLAR HEM-DE ADAMLAR

Aýlaw sany ýiten pelegiň çarhyn
Sagadyň dilleri ýadyňa salýar.
Nobatyn geçiren ýene bir gije
Wagtyň bazaryna ömrüni salýar.

Soňra tebigatyň elwan baýdagy
Şapak bolup gündogary gaplaýar.
Şapagyň şöhlesi gögüň göwsüni
Düzüm-düzüm monjuklardan saplaýar.

Agras daglaň kebzesinden ýapyşyp.
Gün agraslyk bilen galýar ýerinden...
Dyma-dyma halys bolan daglaryň
Ak giripdir müň gowgaly serinden.

Serinden ak giren agras daglaryň
Müň gowgaly başy asmana ýetýär.
Jülgeler bugarýar toý gazany deý...
Birdenem toý ýitýär, märeke ýitýär.
Toý deregne peýda bolýar sowallar,
Märekäň deregnem sowallar tutýar.
(Mydam täleý bilen başa-baş adam
Ne deňleşýär, ne utulýar, ne utýar).

Ýaş başyma endik bolan dymmagy
Gara daşly gara dagdan öwrendim.
Bu gün welin gözüm düşüp daglara,
Durşum bilen soraglara öwrüldim.

Hany, gür bersene, aýtsana, dagym,
Aýt, nämüçin agyr seniň taryhyň?
Belki, onsoň ýazgararyn azajyk,
Belki, onsoň ýetirerin tarypyň.

Hany, gür bersene ganym atynyň
Daşyňda yz goýuň geçen ýerinden.
Şonda nädip çydap bildiň?
Nämüçin
Daş bolup ýagmadyň depelerinden.

Üstüňden ganymlaň düşende ýoly,
Neneň para-para bolmady daşyň?
Neneňsi siňdirip bildiň ýesirleň
Yzlarna delmuryp döken gözýaşyn?

Haýsy kemeriňden ötüp «gyzylbaş»
Pyragyň mekanyn saldy weýrana?
Goly bagly, kalby dagly şahyry
Haýsy ýodaň alyp gitdi Eýrana?

Hüňkara aldyryp Göroglyň başyn,
Haýsy gowagyňda bagryň dilindi?
Tyg göwsünden parran geçen Gyratyň
Nalasyndan haýsy jülgäň elendi?

Hany, gür bersene geçmişiň hakda,
Belent mertebäňe edeýin togap.
Meni ünjä goýan ençe sowala
Özüň dymyp dursaň, kim bersin jogap?

...Ýaş başyma endik bolan dymmagy
Öwrenipdim gara dagyň daşyndan.
Bu gün welin gözüm düşüp daglara,
Ejiz gelýän ýeke katra ýaşymdan.

Hany, töweregňe göz aýla, dagym,
Agyr taryhyňa aglaýan känmi?
Ozalam gözýaşyň ýeterlik ahyr,
Bu günki damjalar artykmaç dälmi?

...Mydam adam bilen başa-baş täleý
Ne deňleşýär, ne utulýar, ne utýar...
Daglaň geçmişine aglaýar adam,
Dag bolsa adamlaň ýasyny tutýar...

## SEN WE SÖÝGIM

Ýola bakar ýodalar,
Ýol ýodadan bat alar.
Ýoda ýasap söýgüden,
Ýola düşer wadalar.

Dag başynda gar galar,
Bag başynda nar galar.
Aýralykdan ýol ýasap,
Ýel başynda ýar galar.

Ýol başynda ýar galar,
Ýara gözi zar galar.
Ýar gözünden ýaş aksa,
Köýüp ýatan ar galar

.. Gyş getiren gülberiň,
Bahar açar güllerin.
Ýar mährinden uzakda,
Ömür sanar günlerin.

Günlerden aýlar dörär,
Aýlardan ýyllar dörär...
Asman ýaly päk söýgim,
Zemin ýaly täk söýgim
Irmän-arman ýol ýörär...

Ýar ýüregi gobsunar,
Ýar ýüregi owsunar...
Aýra salan ýodalar
Ýary ýara gowşurar.

## EBEDILIGIŇ GYMMATY

Bu gara daglardan inermiş bela.
Müňläp ykbal bir-birinden keçmişin...
Dymyp dur bu çal saç Gadymy gala,
Göýä jaýlaýan deý agyr geçmişin.

Daşynda ne otlar,
Ne-de bir güller,
Başynda, bilmedim, näme hyýaly.
Dymyp dur
Hamana şol gara günleň
Biri hasabatyn soraýjak ýaly.

Dur ol —
Ruhy deýin ganly döwürleň.
Asyrlar oň günäsini ulaldan.
Göwresine siňen müňläp ömürleň
Hasabyna öz ömrüni uzaldan,
Monjuk deý arassa,
Dury gözýaşlaň,
Gözýaş deý monjuklaň mazary gala.
Döwrüniň derdine dözmedik daşlaň
Çalam-çaş süňňüniň azary gala...

Garym-gatym süňkler —
Adamlar,
Atlar...
Bu ýadaw geçmişiň agypdyr eňki...
A diwarlar —
Bolgusyzja haýatlar.
A gala —
Şol gadym zamanaň süňki...

Doglan ýyly —
Nuh eýýamyň durmuşy:
Doglan ýeri —
Tozap ýatan welaýat.
Ah, ne täsin bu ýalançyň gurluşy —
Käte
Şaýatlygam agyr jenaýat!

Nämüçin dymyp dur bu başsyz göwre?
Bizi ýat görýärmi bu gadym mekan?
Ýa-da şaýat bolup aýylganç döwre
Şindem duranyna utanýarmykan?

Bu gün hyýalynda direlýä, belki,
Derwezesin läşi bilen ýapanlar!
Gizlenip,
Goranyp üstünde ilki,
Ahyram astynda rahat taparlar...

Gan dökenem — adam,
Goranam — adam,
Nädip, baýguş gelip, tutunýa mekan?! '
(Ýa indi ýürekden çykan perýadam
Pelege kär edip bilmeýämikän?)

A diwarlaň diňe galypdyr ady;
Diwarlar —
Ýurt göçen haraba ýaly.
Dur —
Göýä geçmişiň ýalňyz şaýady,
Hem ýeke-täk günäkäri mysaly...

Ahmyrly är gussa çekmez ýalandan.
Ah, bu syrly gala gürläp bilsedi:
«Dilim gysga,
Ömrüm uzyn bolandan —
Ömrüm gysga,
Dilim uzyn bolsady!..»

## PERWANA

Ýok, men şahyr-a däl...
Ýöne bir aşyk.
Geldim huzuryňa menziller aşyp.
Läläm,
Nirelerden gözledim seni,
Läläm,
Ýaman gözden gizledim seni.
Kaýs bolup,
Sallançaga bakdym men,
Mežnun bolup
Bu çölleri sökdüm men.

Tahyr bolup Derýalarda akdym men,
Perhat bolup
Gara dagy ýykdym men,
Ýa düşünmän,
Ýa düşünip durmuşa,
«Huw-hak!» diýip,
Hemra boldum derwüşe.
Ýusup bolup
Bazarlary gezdim men,
Garyp bolup
Ýedi ýyla dözdüm men...
Gijeler düýşümde
Gül beren läläm,
Gündizler huşumda
Ýalbaran läläm,
Men şindem
Adyňy edinip doga,
Şol gaýtalap ýörün

Mähriňden ne doýup,
Ne-de bir ganyp,
Oda gaçmasam bor
Ganatsyz galyp...

## GEÇMIŞE SYÝAHAT

Bu bagda geçirdim çagalyk döwrüm,
Ýetginjek ýyllarym bu bagda geçdi.
Bu bagda birmahal azaşdy höwrüm;
Bu bagdan bireýýäm nesibäm göçdi.

Bu bagda ýaşapdy bir täsin bägül...
(Eý, hudaý,
Bu zatlar haçandy baryp?!)
Güli ary bolup küýsedim kä gün;
Käte gezdim bilbil bolup agtaryp.

Şondan başga gül gözüme ilmedi;
Bilbilem görmedim özümden gaýry...
Ah, birdenem...
Yşk daragtym igledi;
Egnimde bir görsem dag ýaly gaýgy...

Şeýdip, meňnun ýyllaň uzak mukamyn
Şonça ýyllap
Müň gaýtalap içimden,
Gezdim küýsäp ýatlamalar mekanyn;
Ahyr geldim...
Ak girensoň saçymdan.

Bilemok ahmyrdan kalbymy saklap;
Derdimi egsermi gussa çekenim?
Kän gezdim özümi bilbil hasaplap,
A men bary-ýogy...
Bagban ekenim!

Şeýda bilbil bolup gonmadym güle;
Men diňe bagban deý guwanyp gezdim...
A ol nesip etdi başga bilbile,
Bilmedim,
Bu jeza neneňsi dözdüm.

Aý bu gün gözüme görnüp dur aýdyň —
Ýatlanan pursadym,
Ýalňyşan çagym.
(Şeýdip,
Öz gussaňy ýüzüme çaýdyň,
Kalbym deý ýaraly,
Ýalaňaç bagym!)

...Irginsiz şemalyň gadym sübsesi
Salýa ýapraklary gyran-jyrana.
Eşdilýä kimiňdir agyly sesi:
«Nämä geldiň
Indiden soň bu ýana?

Dolan —
Gelen bolsaň hoşlaşmak üçin;
Aglamaga gelen bolsaň —
Gaýdyber!
Maňa-ha täzeden gül açaýma kyn.
Sen nämä dolandyň?
Hawa, aýdyber!..»

## ÇATRYKDA

Hol barýa gündizler şowhunyn taşlap,
Ümsümligin goýup barýa gijeler...
Bu oýny bolanok täzeden başlap,
Ahmyr edýä soňa galan bijeler.

Ykbal bir silkinýä.
Göräýmäge giç.
Senem namys bilen dişleýäň hyrçyň.
Gamgyn ýaşan bolsaň şu güne deňiç.
Bagtyň indiden soň çüwmejegi çyn.

Ýok, häli pursat bar.
Möhletin soňlap,
Wagtyndan ir garalanok iňrigim...
Gadym aşyklaryň yhlasyn geňläp,
Birmahallar ýygyrardym seňrigim.

Garaçomak sagyň,
Babahan soluň.
Garşylyk, kynçylyk, çar ýanyň şumluk.
Söýgi meýdanynda baş goýan ýoluň
Ýarsynda ýykylýaň, gözleriň ýumlup.

Söýgä gara başlar bolupdyr pida.
Ynanmazdym, ertekidir öýderdim.
Bu gün özüm düşdüm bir gyzdan jyda,
Bu gün öz başymda özbaşdak derdim...

Bagta ýetirmändir çekilen azap,
Öň  söýmek gadagan bolany üçin.
Bu gün söýgi azat.
Ýöne nämüçin
Käte bagta ýetmek öňküdenem kyn?

Geçmişiň emri ýok bu aşyk döwre,
Howada jelladyň aýpaltasy ýok...
Ykbal çatrygynda, dur goşa göwre:
Mundan aňryk bile gidip bolanok.

Bu gün ant içýän ýok dyzyna çöküp,
Bu gün aslyşýan ýok gidýäni saklap.
...Mejnun welin «Leýlim!» diýip, ah çekip.
Şindem ýatyr şol mazary gujaklap.

## Ejizlik

Ah, bu niçik säher?
Bu niçik jady?
Bu kimiň nalasy,
Kimiň perýady?

Ne güýç aldy kararymy, sabrymy?
Ne owaz bu —
Paralap dur bagrymy?

Ne bir uklap bilýän,
Ne-de bir galyp —
Durmy bir jadygöý başujum alyp?.

Ah,
Belki, ejizlik ýeňillik getir
— Duýdansyz çygjarýa ýassygyň çeti...

Ol bolsa
Göýä bir birehim derýa,
Möwç alyp,
Öç alyp,
Gark edip barýa.

Ýüzbe-ýüz,
Başa-baş keramat bilen...
Owaz,
Diňe owaz — bagrymy dilen.

Diňe her sazdan soň
Iki agyz gep bar
«Ýene-de halk sazy...
Ýene-de Jepbar...»

****

Bilmeýän ýok söýgiň niçik zatdygyn,
Bilmeýän ýok söýgiň mukaddesdigin.
Yşk meýinden ýeke gezek datdygyň,
Belli bor seň beýikdigiň, pesdigiň,

Söýgi diýmek mydam şatlyk diýmek däl,
Çünki ol hasratam, gaýgam getirýär.
Yşk mukamy galsa iň belent perdä,
Emelsiz bagşylar sesin ýitirýär.

Çagyryp bolanok,
Gözläp bolanok,
Diňe umyt bilen garaşyp bolýar.
Söýgiň soňy mydam toýa baranok,
Sebäbi ol käte toýdan soň gelýär.

Gelýär on altyda.
Kyrkda.
Ellide.
Işi ýok wezipäň, derejäň bilen.
Ilki saňa tokly simi elleder,
Tutup durşuňdanam kimdigňi biler.

Duýgy ýalan bolsa, çyn söýgi ölýär,
Ösýär yşk bagynda hazan şemaly...
Söýgi är ömründe bir gezek gelýär
— Ömrüň ýeke gezek berlişi ýaly!

## GEÇMIŞDEN BIR SAHYPA

Ine, uç-gyraksyz söweş meýdany,
Gidipdir agyr jeň kyrk gije-gündiz.
Heniz siňmändirem pidalaň gany,
Kyrk günüň tozanam ýatmandyr şindiz.

Sowap ýetişmändir sansyz jesetler,
Lüt bolan Ezraýyl dynç alyp otyr...
Ýap-ýaňy bir-birin parçalan jetler,
Indem bir-birini gujaklap ýatyr.

Naýza yrgyldap dur näçe gursakda,
Näçe kükrekde-de gögeren peýkam.
Bu «gazy» bolmadyk «şehitler» hakda
Gadym aýdymyna hiňlenýä şeýtan.

Namart garaguşlar heşelle kakýa:
«Rysgymyzy ýetirip dur ýaradan».
Öz halal awy deý arkaýyn çokýa
Öň jan çykyp, soň gan çykan ýaradan.

Eýmenç owaz bilen haýkyrýa atlar,
Akyl käsesi deý gözlerde — düwme.
Saralmanka gyzarypdyr gök otlar,
Bir sapar çeýnän at on sapar düwner.

Nägile ene deý çytylýa asman,
Ýere ýyldyzlardan salam aýdanok.
Bu meýdany synlap, hiç ýerde asla ;
Diri adam galandyram öýdeňok...

A başga meýdanda, başga bir ýerde,
At toýnagy elendirýä topragy.
Tutýa günüň öňün bir gara perde,
Bialaç möňňürýä ýöriş-depregi...

## SENSIZ

Baglar bar abraýyn dökdüler sensiz.
Bulutlar gar bolup çökdüler sensiz -

Sensiz öz-özüni asdy şagalaň.
Isle — ýer ýumrukla.
Isle — çabalan.

Ölseň — ýeriňkidiň, ölmeseň — meňki.
A ýeriň dört gezek üýtgedi reňki.

Süýndi ykmanda ýel dilini sallap.
Geçdi ýolagçy ýyl elini salgap.

Suwdan çykarylan balyga döndüm.
Dyza çökerilen şalyga döndüm.

Gijeler bir ýyllap gysgalmadylar.
Dostlar göwünligin gysganmadylar.

Bir semiz kalendar gutardy igläp.
Aglardan giç bu gün.
Gülerden irräk.

## ANTIPOD

Goltugyňda garpyz.
Gulagyňda aş,
Ýörgün adyň «Narpyz».
Ýumrugyňda daş.

Bu ýoldan sen tetelliň
Ençemesi ötendir
- Eňaşaklar — teselliň,
Ýigrendigiň köteldir.

Gabyr görner çukurlar,
Geçjek borsuň aýlanyp.
Gör, kerwende ýük urlar
Gara nerler saýlanyp!

Ters ýodalar hemişe
Jähennemde gutarar.
El uzar haram işe,
Göz görmäge utanar.

Näçe uzasa eliň,
Diliň şonça gysgalar.
Garamaňlaý ak gelin
Ak mährini gysganar.

«Kakam bar» diýip perzendiň
Petekesin gaýşartmaz
- Almaýan ata pendin,
Ata bolmak başartmaz.

«Näme salsaň gazana,
Çemçäňe şol ilermiş».
Ozjak bolup galana
Kimiň rehmi inermiş?

Sen bir galp toý — sowlarsyň.
Hakykat aýan şeksiz:
Ýa ýüreksiz doglansyň,
Ýa süýnjeksiň düşeksiz.

****

Saňa bolan duýgymy
«Duý» diýip duýdurmadym.
Maňa söýgi sözüni
«Diý» diýip diýdirmedim.

Meň bilen ykbalyňy
«Bagla» diýp baglatmadym.
«Gül» diýip güldürmedim,
«Agla» diýp aglatmadym.

Ynha, indem — gidermen,
Köwşüň ele alypsyň.
Meni taşlap bir özüň
Pellehana gelipsiň.

Açyk dört müň tarapyň,
Günälämok.
Aklamok.
«Gel» diýip getirmändim,
«Gitme» diýip saklamok.

## GÖRÄÝMÄGE...

*Gurbannazar Ezizow*

Barýas seniň gezen mekanlaryňa,
Seniň geçen köçeleňden geçýäs biz.
Girýäs seniň giren dükanlaryňa,
Seniň içen çakyrlaňdan içýäs biz.

Bizem alyp gidýä islän ýermize
Seni çar tarapa äkiden ýollar.
Agam girýä, aňam girýä sermize,
Durmuş sahnasynda çalşyp dur rollar.

Göwnün alýas ýakynlaryň, ýatlaryň,
Dost-ýar bilen günümizi ýaşyrýas.
... Göräýmäge seň başaran zatlaryň,
Hemmesini bizem bu gün başarýas.

Wagty geler, bize-de nyrh keserler,
Gaýtargy deregne oklanjagmyz ýok...
ýöne welin seňki deýin eserler,
Entejik bize-hä başardaýanok.

Köpe özümizi aldyrjak bolup,
Içde galan sadalygy öldürýäs.
Öz barlygymyzy bildirjek bolup,
Bu gün seniň ýoklugyňy bildirýäs.

****

Şahyr söýgi hakda okaýa goşgy —
Ilkinji, arassa, päk söýgi hakda.
(Şu merkezden uzakdaky ýerlere
Uly şahyr köwlemändi bu çakda).

Durşy bilen bir gulaga öwrülen
Märeke şahyryň agzyna bakýa.
Beýik söýgi hakda gyzgyn setirler
Teşne diňleýjileň maňzyna batýa.

Diňe bir gyz ýere bakyp otyrdy,
(Ýaraly kalbynyň gussasy kändi!)
(Söýgiň nämedigin,
Niçik zatdygyn
Ol adamdan sorap bilmeli däldi.

## URUŞLY KINO SURATA DÜŞÜRILÝÄR

Süýnüp gelýär atly, gylyçly goşun,
Süýnüp ýatyr iki sany pulemýot.
Aýylganç dilinde aldajy urşuň,
Otlap ýatyr iki sany pulemýot...

Ýene hüjüm gaýtalanýar täzeden,
Ajy tüsse az salymlyk syrylýa!.
Gök ýüzleri tegelenýär käse deý,
Hem-de gulaklarda şemal sygyrýar.

Göni ajal pürkýän ýaraga sary,
Sürülýär hiç zatdan bihabar atlar.
(Gyş güni toýnaklar sowurýar gary,
Ýaz güni kül bolýar gül açan otlar).

Birden syrtmak öň aýakdan silteýär,
Bedew atyň agzy garbaýar gumy...
«Iň wepaly haýwan—at» diýip gelýän,
Adamlaryň ýa bu-da bir oýnumy?

Eýse, aldaw — zerurlyk däl, kadamy?
Jogap haýsy deňziň düýbünde ýatyr?
«Biz-ä otdan alyp gaçýas adamy,
Olam goşaryna ýüp sarap otyr»,

## TOÝ

Gutardy syýahat.
Köşeşdi ýeller.
Ine-de gämiler kenara çykýa...
Sähelçe tolgunsaň titreýä eller,
Gözýaş ejizligiň minnetin çekýä.

Söýgi flotunyň matrosy bolup,
Arzuwlar deňzinde niçe ýyl ýüzen,
Müň günüň gülünden bir çemen bogup,
Bir gülüň tarypyn müň sapar ýazan.

Bu gün güýçli şemal ýelkenin ýolup,
Giň deňizde küreklerin ýitiren...
Bagtyňa kölege salmajak bolup,
Uly toýuň bir çetinde oturan-

Kolumbam däl,
Magellanam däl indi,
Kiçijik myhmany ullakan toýuň...
Şowhunly wagyrdy çyra deý söndi
Ýaşulyň emrine märeke boýun:

Bagtynyň saglygna iki juwanyň
Ilkinji badany göteriň bu gün...»
Bärde men Kolumbyň
Hem Magellanyň,
Bogazymda bolsa—ilkinji düwün».

Ikinji bir düwün kükregimde dur,
Götärmi ýüregim bu agyr pajy?...
Üýtgeýä zamana,
Üýtgeýä dessur.
Bir ýigit ýer turup, gygyrýa:
«Ajy!»

Müň syrly haýbaty kenarda galan
Ahmyrly tolkunlaň bady gowşaýa.
...Bal ýaly «ajylaň» meýinden ganan
Dodagyňdan gaýta-gaýta ogşaýa.

Ýarty bulgur—
Göýä deňiz arada,
Men bärki kenarda,
Aňyrkyda — sen...
Şol gaýda düňderlen gämi barada
Gaýdyp aglamaýyn...
Başaryp bilsem.

Ykbalyňdan gitmek kyn düşdi maňa
Toýuňdan gitmegem däl eken aňsat.
Şol otyryn—ýarty bulgur şerabyň
Deňze öwrülşiniň sebäbin aňtap.

Ahmyr edip, çeýnär eken otlary
Ýaralan awuny sypdyran awçy...
Ajy!
Ajy!!
(Aýyr gözüňden oklary!..
Serhoş däl men,
Gorkma.
Käýeme...)
Ajy!!!

## AÝRATYN AGRAM

*Nury Halmämmedow*

Nahal ömrüň paýalarny,
Ýerim bilen bagladym:
Gabarçakly aýalarmy,
Derim bilen ýagladym;

Iňňe bilen guýy gazdym —
Agzym kepäp, agmadym;
Egnimde daş çekip gezdim —
Sojamadym, armadym;

Iň agyr iş «ýeňil» diýdim,
Göwnümi kän awladym...
Bu gün welin — gara geýdim,
Bu gün welin — agladym;

Bary-ýogy — iki pil gum —
Bilim çöküp, maýryldym;
Iki pil gum... Ysmaz boldum...
Söwer dostdan aýryldym...

## Ýalňyzlyk ballada

Belki, seň boýnuňda ol beýik ýazyk,
Düşünýäň,
Ökünýäň,
Ýüzüňem  aşak...
Belki,  meň ýalňyşym kükregmi ýaryp,
Durun huzuryňda ýeňsämi gaşap...

Bu ne ýalňyz hasrat,
Ýeke täk düwün?
Eýsem bu gün gözlemekmi kärimiz?
Ine, bildigem-dä kimiň päkdigin,
Ine, tapdygam-da günäkäri biz!

Birimiz «perişde» birimiz «şeýtan».
Bar, şeýle hem eken,
Şeýle-dä, ine!
Ýöne nirden gelip awuly peýkam
Sanjylyp dur
Söýgimiziň meýdine?!

Ýürek dymýa şeýle agyr pursatda —
Ahmyr bilen günäň arasy ýakyn..
Kerbela çölüne dönen gursakda
Şehit ölen söýgiň mazary ýatyr.

Aýralyk miwesi ýetişdi kemsiz,
Giden  gözýaş deňzi siňdi öýmäňe...
Hawa  «söýýän» diýip ýetişdigem biz,
Ah , Şeýdibem... Ýetişmedik söýmäge!

Köçede duş gelseň sowulýaň birýan.
Başym alyp çykaýynmy şäherden?!
Şeýdip, bu gije-de bir özüm barýan
Aýak sesim diňläp ýatyr Bäherden.

Bu gije kalbymda harasat gopýa,
Oýlar çyra üýşen çirkeýler ýaly...
Çatrykda bir Mejnun Leýlisin öpýä,
Ýekelige gyjyt berýän mysaly...

Ýaşlyk göýä geçen ýaly sürgünde:
Bu ýalňyzlyk täzeledi keşbimiz.
Men bilmedim:
Nädip syndy bir günde
Şunça ýyllap diken Söýgi köşgümiz?..

Haýsymyz günäkär?
Parhy ýok bu gün.
Synamyzda başga derdiň azary:
Ahmyrly ýürekde —
Daş ýaly düwün.
Kerbela çölünde —
Şehit mazary...

## ÖMÜR HAKDA OÝLANMA

Meger,
ýyllar geçdi gitdi deňimden,
Meger,
Men ýyllaryň deňinden ötdüm...
Ganyp jahyllygyň gyzgyn deminden
Kämillik bazarna gul bolup gitdim.

Bu bir gysga ömür,
Başagaý ömür,
Ýowuz girdabyna gark edip barýa '
Sen hars urýaň ony uzaltjak bolup,
Sen çarp urýaň ony ulaltjak bolup...
Ol bolsa
(Bir görseň)
Terk edip barýa.

Bir görseň,
Geçirip  şowhunly ýazy,
Döküp dur ýapragyň ömür daragtyň.
Biwepa  aýalyň gidişi ýaly
Ömürem aňtaýa ejizlän wagtyň.

Gözläp gözelligi,
Eşreti aňtap,
Gijelerňi gündiz edip galgaýaň...
Ýalňyşmak,
Azaşmak,
Aldanmak — aňsat.
Oňat zatlaň kynlygyna aglaýaň.

Ýyllar bolsa dolananok täzeden,
Galgasaňam,
Aglasaňam — gelenok.
Nirede ol alty ýyllap näz eden?
Ola ýyllar eken,
Menem bilemok!

Durmuş ýodasynyň ençesin baglap,
Ahmalyňa arap ýatyr külpetler.
Toýuňda saz çalyp,
Ýasyňda aglap,
Nirde galdy ganygyzgyn ülpetler?

Heriň bir gapydan çykansyň şeýdip.
Ölemde adam kän,
Jaý, kän,
Gapy kän...
Şeýdip,
Ýene gaýdyp
Taparys öýdüp,
Öz ýitigin gözläp ýören gaty kän.

...Arzuwdan at ýasap çapan ýyllarym
Entek-entek pellehana ýetmesin.
Ýitmedik bagtymy tapan ýyllarym
Tapylmadyk bagtym bolup ýitmesin...

## ÝYLDYZ SÜÝNÝÄR...

Göge bakýan, — bar bolsa hudaý dymýar.
Ýyldyz süýnýär. Ýaňy dogan Aý dymýar.
Mähek daş deý syrly dymyp, syr saklap
Göwresinde seni gizlän jaý dymýar.

Şagalaňdan halys bolan köçeleň
Ýadawlykdan aňkalary aşypdyr.
(Bu çak çola köçäň ukusyn bozýan,
Ýa bir ýaş şahyrdyr, ýa bir aşykdyr).

...Bu ýyldyzlaň süýnüşi bar ne gözel:
Asmandanam, ýyldyzdanam seda ýok.
Göwnüme-de bu asuda zeminde
Menden başga ýalan söýgä pida ýok.

Şindem başky söýgä garaşyp ýörün,
Bir çak «kaka» bolup ýörmeli wagtym.
Ol bolsa şeýle bir owadan süýnýär, —
Belki, meň ýyldyzym, belki, meň bagtym,

Ýyl geçer.
Ýaş gider.
Ejizlär duýgym.
Birdenem...
Saçyndan ak giren söýgim
Duşar saňa, maýam, baş eger ilki.
Şonda bir seretgin.
Tanarsyň, belki...

## BU DERT MUGT BERLENOK

Kämahal şeýle bir kör duýgy gelýä:
Mizan terezisi atyp dur hallan.
Küteklik ýitelýä,
Hyjuw kütelýä,
Gün ýaşýa kalbyňa gozgalaň salman.

Zemin abatlykmy,
Ýalançy ýazmy?
Ýagşy känmi,
Ýaman känmi —
Parhy ýok.
Ah, ozal bu dünýäň gussasy azmy?!
Bu derdiň-ä bir köpügem nyrhy ýok.

Çeken bilýä ýekeligiň hupbatyn,
Buderdiň agramyn göteren bilýä.
Bu, dert mugt berlenok,
Alnanok satyn —
Ony ilden çykyp gazanyp bolýa...

Kämahal şeýle bir ýalňyşýa adam.
Aldanýa,
Aldaýa,
Garaz ýalňyşýa...
Şeýdip, ýüz öwürýä ýakynam, ýadam,
Ýalňyzlyk labyry gerdene düşýä.

Günüň ötüldigi—
Allaň berdigi,
Ýogsa-da ýagşydan umydyň üzýäň.
On üçünji süňňün deýin derdiňi
Synaňda gülle deý göterip gezýän.

Salam berilmeg-ä beýlede dursun,
Taňry salamyňam alynýa zordan.
(Ýazykly är başyndan gum sowursyn.
Şeýdip, maňlaýyny saplasyn şordan)

Kämahal şeýle bir dag gonýa egne:
Jigeriň ot alýa bialaçlyga
Ýeke günlük ýalňyzlygyň deregne
Dözesin ger on sekiz gün açlyga.

Bu dertden mert bolsaň, çykarsyň üstün,
Ýazygyňy boýun alsan,
Ökünseň...
Goý, depäňde hazan ýeli öwüssin —
Ahmyr etmän...
Namartlyga çokunsaň.

Wagty ger,
Geziber içiň hümledip,
Bu derdiňi paýlaşjagam tapylar.
Şonda-da ýalňyşsaň...
Gedemlik edip —
Ile barýan iň soňky ýol ýapylar.

Soňra...
Çarp urarsyň gözlärsiň höwür,
Ýitiren pursatyň tapmarsyň aňsat.
Adamlar öňküdir,
Üýtgändir döwür.
A sen düýnki güni ýörensiň aňtap...

Bu dert bir miwe däl,
Bitenok ýerde;
Ýa ýokardan ýagmyr bolup ýaganok...
Ýüzüňde şeýle bir ýukajyk perde —
Hudaý kessin,
Gizlenenňe degenok!..

## GORPUŇAM BIR KENARY BORMY?

Daşymdan gulplanan bezzat çaga deý,
Eňegimi tekjäň üstünde goýup,
Bir gözi çat açan sowuk penjiräň
(seredip otyryn bir asyr bäri.
...Meniň mejnun göwnüm,
Awara göwnüm
Gopan ganatlaryn goltugna gysyp,
Bir garry agajyň düýbünde otyr,
Ýeriň damary deý köküň üstünde.
Bilýän,
Men göwnümiň göwnüne degdim,
Bilip durun müýnümiňem bardygyn.
Ony öýe — öz ýanyma çagyrýan.
Eger-eger.
Ynananok.
Gelenok.
«Bu gün, ynha, eýläk uçarys diýip,
Ertir, ynha, beýläk uçarys diýip,
Gerk-gäbe doýurdyň boş wadalardan.
Bagyşla, barjak däl.
Özüň çyk» diýýär.
...Ine, indem baş ýaýkaşyp otyrys
Çuň gorpuň herimiz bir kenarynda...
Ne-hä meniň aýaklarym ädilýär,
Ne-de onuň ganatlary ýazylýar.

## ELEGIÝA

Ýagşysy, ýamany ýetik bu dünýäň,
Bu gün toý, erte ýas, birgün toý munda.
Kyrk ýaşda ýetilen bäbek deý söýgim
Doga bolup hallan atdy boýnumda.

Begenji, gynanjy ýetik bu dünýäň,
Gassaba ýag gaýgy, jan gaýgy geçä.
Han gyzyn aparan bir ýetim deýin.
Ne donuma sygdym, ne sygdym keçä.

Agysy, gülküsi ýetik bu dünýäň,
Deň paýlaýa şatlyk bilen gaýgyny.,,
Dostum alyp barýan gonamçylyga
Hemem göbek deýin elhenç söýgimi.

Gopguny, ýigrenji ýetik bu dünýäň.
Käte (kelle kakýaň, kä legzan kakýaň.
Men köçeden barýan bir gysym bolup,
Sen ýat penjireden ýadyrgap bakýaň.

## BAGT GUŞY HAKDA OÝLANMA

Aý-günler dolandy, ýyllar öwrüldi.
Sen bolsa durna däl, geleňok gaýdyp...
Ýalan çarkandakly, müňläp öwrümli
Durmuş ýodasynda sataşdyk şeýdip.

Tanyşdyk, ot bolup tutaşdyk lowlap.
Garaşdyk, göreşdik bagtymyz üçin.
Heniz-ä bagt guşun tutan ýok kowlap,
Tutmagam aňsat däl, tutmasaňam kyn...

Mahmal düşelgi däl durmuş ýoluna,
Gyrasyna ekilgi däl güllerem.
Şadyýan duýgulaň ýanyp ýoguna
Şo düşýä paýyňa agyr günlerem.

Bu bäş günlük pany diňe bir toý däl
Gamda köp synaga taýynlyk zerur...
Maşgala galasy gadym Nusaý däl —
Bir agyz söze-de yrgyn atyp dur.
Eger ejiz bolsa maşgala galaň,
Içalysy «Çingiz hany» gyt däldir...
Nirden  geljegini bilme kyn belaň,
We hemişe onuň lybasam kändir.

...Göýä dünýämiziň özgeren keşbi —
Söýgi halysyna çeken gölümiz.
Biz gurduk şeýle bir mukaddes köşgi
Ýaşamalam, goramalam — özümiz!

## NÄMÜÇIN?...

Sen geldiň.
Şeýle bir üýtgedi zemin.
Sen geldiň.
Şeýle bir ýiteldi zehin.

Sen geldiň.
Bu jahan giňedi gitdi.
Sen geldiň.
Dünýämden ejizlik ýitdi.

Sen geldiň.
Güýz geldiň.
Obamyň bagy,
Etegin ýaprakdan dolduran çagy.

Geldiň,
Bir jadygöý totyguş bolup.
Güýz geldiň,
Ýaz bolup.
Gitdiň,
Gyş bolup.

Bile durus,
Ýüz menzillik daşlaşyp.
Dilimize badak saldy hoşlaşyk.

Hat ýaz—ýok.
Hoş gal—ýok.
Görüşýänçäk—ýok.
Gamlanyp bolanok.
Gülüp bolanok.

Men mertlige saldym,
Bildirmedim syr.
Ýaşadyk ýarym aý,
Göwnüme—asyr.

Gaýgy-gam bazarna öwrülen dünýä
Gussasyn gözüme güjeňläp gülýä.

Hytaý diwaryna derdimi diräp,
Dymýan.
Oýa çümýän:
Nämüçin?
Nirä?

Göräýmäge
Sebäbem ýok,
Jogabam,
Göräýmäge günä-de ýok,
Sogabam.

Ýalňyz perzendini ugradyp jeňe,
Şeýdip gamlanýaňdyr eneler diňe.

A biz jeňe
Ne ugradýas
Ne gidýäs,
A biz
Jeňe ýetmän,
Dönüklik edýäs.

Adamlar,
Ýyldyzlar,
Köçeler,
Jaýlar...
Söýgimi paýlaşyp,
Özünde jaýlar.

Gamlanyp bolanok,
Gülüp bolanok.
Daň nämüçin atýa —
Bilip bolanok.

## ENE HAKYNDA ROWAÝAT

Öz eziz topragyn duşmandan gorap,
Giripdir söweşe agyr bir leşger...
Şonda yza öwrüp atyň jylawun,
Taşlan jeň meýdanyn bir ejiz esger.

Soňun saýman girmelikä söweşe,
Ol jeňden çykypdyr soňuny saýman.
Entek näbellikä ýenşiň ykbaly,
Atyň sagrysyna gamçysyn saýgan.

Aýsyz gijän gara şalyn penalap,
Gözläp ýyldyzlardan ýazykly başyn,
Oýlapdyr: «Kim bilýär, ok deger birden...
Onsoňam, mensizem ýeňer-le goşun...»

Hawa, goşun ýeňilmedi onsuzam,
Hawa, üstün çykdy bu ganly jeňde.
ýöne, ol undupdy başga bir zady:
Öňde ýowuz jeza, adalat öňde.

Möhür edip basypdyrlar ýüzüne,
Gargyşyn, näletiň birehim közün.
Indem gorkup gazabyndan iliniň
Baryp... bir metjide atypdyr özün.

Ilçilikde şeýle bir däp bar eken...
«Gan dökmek gadagan mukaddes ýerde».
Binamys, gör nirden gözläpdir pena,
Şol mukaddes däbi tutunyp perde!

Ýeke perzendine nälet okapdyr,
Saçyndan ak giren ýalňyz enesi:
«Söweşmedik bolsa il ömri üçin,
Goý, bolmasyn öz ömrüniň eýesi?..»

Adamlaň ýüregi doly ýigrençden,
Adamlaň bogazy gazapdan doly.
«Gan dökmek gadagan mukaddes ýerde».
Diýmek, gözlemeli başga bir ýoly.

...Märeke jem bolýar, gelýär karara:
Metjitde akmasyn oň haram gany.
Jany çykman özi çykmazy ýaly
Petikläp çykmaly bar çykalgany.

Şeýdip, gapy diýmän, penjire diýmän,
Kerpiç örüp, beklemeli bar ýeri...»
Märeke ýaýdanýar, märeke dymýar:
Ilkinji kerpiji kim goýsun, ýeri?

Birden... öňe çykýar biçäre ene,
Ejiz eginlerne ak saçyn ýaýyp.
Gazap bilen syrýar gözüniň ýaşyn,
Ilkinji kerpiji...
Öz borjy saýyp!

...Owaz çykýar bir ýerinden gümmeziň:
«Geçsene günämi, geçsene, eje!..»
ýöne ýalňyz enäň ynjan ýüregi
Dönüpdi bireýýäm doňan kerpije.

Ene ýürek kerpiç ýaly gatapdy,
Ene ýürek kerpiç ýaly sowapdy.
Bu doňan ýürege ýene jan bermek
Il-gün üçin barypýatan sogapdy...

Çal saç, ýalňyz enäň ynjan ýüregi
Bireýýäm dönüpdi doňan kerpije...
Şol gümmezden şindem ýaň gelip durmyş:
«Geçsene günämi, geçsene, eje!..»

## ŞEÝLE BIR GÜN GELER...

Yşk şemaly epgek bolup öwsende,
Bilmersiň nireden başyňda hupbat...
Gülýaka gün bolup dogar göwsüňde
Täç bolup lowurdar başyňda gupba.

Küren obaň gözi bir ýana bakar,
Sülmüräp,
Ýalbyrap suwa geçende,
Görümsiz lak atar,
Görip at dakar...
(özümem bardym-la şolaň içinde!)

Kimleri syraty armanda galdyr,
A kimler ýuwdunyp, bakarlar bedrä...
Teşneligin diňe är kişi gandyr,
Ýöne erkek kişi aňkaryp büdrär.

(Obadaş ýigitlem,
Öýkeläp ýörmäň,
asmanda her kimiň öz ýyldyzy bar.
Adam bu zeminde ynjalyk görmän
Şo ýyldyzyň soragynda ýaşaýar).

Ary köýene-de etmäň siz çalym,
bagtyňyz çüwmedi,
Mert boluň oňuň...
A men ony wasp edeýin birsalym,
Men etmän kim etsin tarypyn onuň?!

...Gyýalap, sen taýa öwrende durkun,
Bir gaýnadyp,
Bir doňduryp ganyny,
Nämüçin duranyň beýlede dursun,
Unudýaň nämüçin ýaşaýanyňy!

Diýersiň:
«Kyn maňa ýaşamak sensiz»,
Ýüzüne çaýylar keteniň reňki.
Gizlär bar duýgusyn,
Pyşyrdar sessiz:
«Ölsem-ä — ýeriňki.
Ölmesem — seňki».

Şeýle bir pursat ger —
Bar ejiriň — hiç!
Gözüň ýeter bagta eýe bolanňa.
Şonda ökünersiň şu güne deňiç
Diňe özüň üçin ýaşap gelenňe.

Sypalar başyňy gaharly çagyň,
Azgyrylsaň dözer,
Igenseň dymar.
ýöne... düşeginiň bozaýsaň çegin —
müň sözüň deregne bir damja damar.

Ýerden alyp,
Ýere sokar sedasyz,
Gözler jigeriňi paralar, duzlar.
Göwre gujagynda. —
Mähre gedasyň —
Şondan erbet zat ýok,
Ynanyň, duz bar!..

...Şeýle bir gün geler —
Pelle ýakyn bor...
Ýok,
Başga bir dertden gerdenim ýagyr:
Maňa
Goýup gitmek
Şeýle bir kyn bor,
A yzynda galmak —
Müň esse agyr...

## ÝERÇEKEN

Näçe gezek diýdim:
«Aýryl, ýerçeken».
Saňa näçe sapar «Ýit, ýok bol!» diýdim.
Aýrylmadyň.
Gitmediň.
Bürmek bolup ýapyşdyň.
«Yzymdan gal» diýip, näçe ýalbardym.
«Agam meni paltalar» diýp, agladym.
Kölegäme döndüň.
Sakyrtga bolduň.
Diýdim:
«Diliňi çek, maňa lak atma».
Diýdim:
«Eliňi çek, masgara etme».
Müňläp ýol-ýoda bar bu giň jahanda —
Senden sowlup geçere ýol tapmadym.
Özelendim.
Näçe gaýra «ýok» diýdim.
Sülük bolup ýelmeşdiň...

Ahyr bir gün daş bagladym ýüregme.
Gözüm ýumdum.
Başym saldym etegme.
Agamyň paltasyn taşladym guýa.
Saňa-da «Bolýa» diýdim...

Senem gitdiň jähennemiň bazarna.
Taşlap gitdiň,
Gaçyp gitdiň — parhy nä?!
Müňläp ýol-ýoda bar bu giň jahanda —
Özüň-ä däl,
Aýak yzyň görnenok.
Diňe umyt maňa teselli berýär:
Belki, seni ýer çekendir, ýerçeken?

## DÜÝŞ

Beýle eýmenç düýşi ilkinji görşüm.
(Iň soňky görşümem bolsady käşgä!)
Şo gijeden bäri tisginip ýörşüm.
(Düýşden şu sapar-a gorkanym äşgär).

Men bir kesele-hä sataşdym elin...
Nirden ýolugyp ýör bu mojuk ahwal?
(Sen gyz-a gaşyňy kän kakýaň welin,
Bar belaň körügi bolsaňam ahmal!)

Üýtgedi ykbalym,
Üýtgedi dünýäm,
Yşk şemaly ýelpäp gitdi döşümi...
(Hawa, kim ol «palçy men» diýp öwünýän?
Hawa, kim ol ýorup biljek düýşümi?)

...Ilki garakçylar gabady daşym
«Ýa-ha şo gyzdan geç,
Ýa-da janyndan!...»
Men silkip goýberdim bu gara başym;
«Maňa söýgi gymmat gara ganymdan».

Soň Huňkar patyşa güberýämişin;
«Dän, ýogsa peşaby çagyrdym eýýäm!.,»
A men diýýän:
«Peşap dagy nämmişin?
Sen jellady çagyr —
Barybir söýýän!»

Soňra peýda boldy Babahan zalym:
«Dän şondan,
Ýogsa-da deriňi soýýan!..»
A men diýýän:
«Diňe şomy hyýalyň?
Başarsaň saman dyk —
Barybir söýýän!»

Bir seretsem dübläp gelýä Ezraýyl:
«Dänmeseň doldyryn kazaňy seniň!..»
«Men-ä şo bolmasa ölme-de taýyn,
A sen welin...
Düýn gelmeli ekeniň!..»

...Oýanýan.
Oýlanýan.
Ant içýän ýene:
Şu gezeg-ä (Hökman!)
Diýerin: «Söýýän!»
...Duşuşýas.
Ýuwdunýan...
Seredýän ýere...
«Agşam...
Söýgi girdi...
Düýşüme...» diýýän...

****

Biri ýoldan gyzyl tapdy bir tokga,
Bir bölek ýüp taşlap geçdi ýerinde:
Ýüp gözläp kösenmez asylmak üçin
Soňra şol gyzyly gaçyran bende.

(Platon)

Şunça ýyl ýaşadym gerdenim ýükli,
Şunça ýyl ýaşadym goltugym ýüpli...

Eger meniň bagtym getiren bolsa,
Seni bir, şormaňlaý ýitiren bolsa,
Ýüp taşlardym seni tapan ýerimde.
(Şükür, ýüpüň iki ujam elimde).

Eger öz bagtymy özüm ýatyrsam,
Seni tapyp, ýene bir gün ýitirsem,
Ýüpi eltip bererdim men, bagyşla,
Menden soňky seni tapan «bagtla».

## KASAM

*(Degişme)*

Almajak galam ýok seň üçin, maýam,
Seň üçin elimden gelmejek zat ýok...
(Bu gudrat modadan galan eýýamda
Söýgä gezek gelse bolmajak zat ýok).

Ah, bu gözleň garaýşy ne jadygöý?!
Ah, bu dilleň şerbedi ne şelaýyn?!
Gel, kasam edeýin başardygymdan,
Gel, menem ant içip, awy ýalaýyn:

Bir gün, pälim azyp, bir ýazyk etsem—
Penjeläp saçymy tüýdeýin, läläm.
Parižddäki Eýfel minarasyndan
Bir tokga daş bolup gaýdaýyn, läläm.

Sen isleseň Gimalaýyň gerşine
Her gün ylgap münüp, düşeýin ylgap.
Bu mekany terk edeýin isleseň —
Buzly Arktikada gezeýin yzgap.

Isleseň Afrika gideýin göçüp,
Gobi çölün ýurt edinip gezeýin.
Ýuwaş okeanyň giňliklerinde
Jeňden galan garakçy deý ýüzeýin.

Amazonkaň jeňňellerin torç edip,
Aw gözläp gezeýin aç gaplaň deýin.
Isleseň Müsürden çykaýyn tozap,
Ýa isleseň Hindistana gideýin...

A gudrat bireýýäm modadan çykdy,
Gudraty bir söýgi döredip bilýä:
Ýeriň ol ujuna gideýin welin,
«Zagsa gideli» diýmeseň bolýa...

****

Şeýle bir owadan gyz geçip barýar,
Köçe hereketi durşuna doňdy.
Çar ýana çarp urýan maşyn sürüsi
Kürtdürip durdy-da,
Bir ýana eňdi.
Ýagyşam diňdi.

Gyradan keýtikläp gelýän ýaşuly
Hasasyn eliniň tersine zyňdy.
Şeýle bir owadan gyz geçip barýa!
Gara niýet bilen gelýän bir näkes
Utanjyndan hin tapmady sümere.
«Şahy» simden sypan trolleýbuslar
Toksuz ýöräp gitdi başga şähere.

Şeýle bir owadan gyz geçip barýa!
Hamana öňatla garaşýan ýaly,
Bir tarapa bakdy uludan-kiçä.
«Tiz kömekde» barýan näumyt hassa
Tirsegne daýanyp, jyklady köçä...

...Meňzäp çal buluda dulanan Aýa,
Owadan gyz, girdi gitdi bir jaýa.
Biraz tukatlanyp, adamlar kimin
Uludan dem aldy Asman hem Zemin.

## KÄBIR ÝAR GÖZLEÝÄN ŞAHYRLARA

*(Ýaňsy)*

Ýeldenem soramok nirdedigiňi,
Gündenem soramok nirdedigiňi.
Seýle çykyp Botanika bagyna,
Güldenem soramok nirdedigiňi.

Elwan gülli bahardanam soramok,
Daňdan turup, säherdenem soramok,
Gijäň bir mahaly haýata çykyp,
Uklap ýatan şäherdenem soramok.

Ýogsam, bir çykaňsoň gapysyn gulplap,
Jaý näbilsin nirdedigňi, ezizim?
Üç ýüz segsen dört müň kilometrden
Aý näbilsin nirdedigňi, ezizim?

Düýbüne ençeme «gerçekler» batan
Çüýşe seniň kaýdadygyň bilermi?
Ýumurtgaň içinde jüýjerlip ýatan
Jüýje seniň kaýdadygyň bilermi?

Sen heniz-ä gabadymdan çykaňok,
Yşk dagymyň üstünden ýol çekeňok...
(Alňasama, bagtym, darykma, bagtym,
Entejig-ä kül üstüne çökeňok!)

Syratdan inçemiş söýgi ýodasy,
Geliber säginmän, gapdala çykman:
Bir gün Ykbal diýlen belent köprüde
Birleşer ýodalar, duşarys hökman.

Ýeldenem soraman nirde bolanňy,
Gündenem soraman nirde bolanňy,
Erem bagyň bilbillerin ürküzip,
Güldenem soraman nirde bolanňy:

Emaý bilen ak goşardan tutaryn,
Soň bakaryn gözleriňe dikanlap
Hem soraryn senden, -diňe özüňden:
«Läläm, gezdiň nireleri mekanlap?

Bu gün söýgi derýasyny gulaçlap,
Yşk laýyna ine-gana eýlendim.
Sen nirede gezdiň şu güne deňiç?
Aýt, ezizim, nirelerde eglendiň?»

## ÝAZMAJAK BOLUP ÝAZYLAN GOŞGY

*“Il möňňürip, ýüzün tutup aglaýar,*
*Ýesir boşamazmy, giden gelmezmi?!*
*Şähri-Bossan*

Köp gülen bir aglar bolsa,
Köp aglan bir gülmezmi?!
Magtymguly aýtmyşlaý:
“Ajap eýýam gelmezmi?!”

Hydyry hyrs çykan millet,
Gözün gara çokan millet,
Köl üstüne çöken millet,
Bir silkinip galmazmy.

Çörek gözläp çapalanan,
Ýüzüne gum sepelenen,
Ar-namysy depelenen,
Azgyndan ar almazmy?!

Türkmen ady dakylanyň,
Tumşugyndan kakylanyň,
Çynar deýin ýykylanyň,
Dikeljegi bolmazmy?!

El tersine oklanan halk,
Batrak kimin saklanan halk,
Agzy-burny beklenen halk,
Süllermezmi, solmazmy?!

Hakykatdan zormuş ýalan,
Köpelýärmiş baýrak alan,
Bu gün başy sypalanan,
Ertir saçyn ýolmazmy?!

Bir bedewdim, gopdy ýalym,
Süňk gapdy ýazyjy-alym,
Adamdan mal ýasan zalym,
Ýüzün gara çalmazmy?!

Iru-giç syrylar perde,
Nyrh bolmaz egilen serde,
“Namart” diýp ýüzlenseň merde,
Öldürmezmi, ölmezmi?!

## GÖWRELI TÜRKMEN GELINININŇ SYNASYNDAN ÇYKAN OWAZ

Görjegim görgi bolsa,
Etjegim bergi bolsa,
Ýuwutjagym mergi bolsa,
Depämde gyrgy bolsa,
Näme etjekdiň, eje jan,
Meni dünýä getirip?!
Gaýrat et-de, dyn menden,
Dogurmankaň ýitirip.
Öňi-soňy ýanjagym
Dowzahyň ody bolsa,
Iň mes günüm iýjegim
Sogandyr kädi bolsa,
Müň ýalbarýan, eje jan,
Mundan artyk göterme?!
Azmy öňki gedaýlar,
Ýene birin getirme!
Öň zordan gezip ýörsüň,
Galan ömrüň ýitirme!
Millet gul ýaly bolsa,
Bir baýyň maly bolsa,
Türmeler doly bolsa,
Söýjegim loly bolsa,
Eje, meni synaňda
Dokuz aýlap saklama!
Meni öz eliň bilen
It öňüne oklama!
Birden diri dogaýsam,
Käbäm, boýnumy sogur
Ýa git-de başyň alyp,
Başga bir ýurtda dogur!

## ANNASOLTAN

*“Jebir gördüm bu diwardan aňyrda,*
*Zulum gördüm bu diwardan aňyrda,*
*Ölüm gördüm bu diwardan aňyrda,*
*Hapa boldum, men bir suwa düşeýin.”*
*Annasoltan Kekilowa*

Aý, ýok Annasoltan,
Beýle däl, owlak.
Sen hapa bolmadyň, hapaladylar.
Kim gara don geýip,
Kim ak halat geýip,
Seni onki ýyllap depelediler.
Ilkä dälihana sokup,
Soňra gara ýere dykyp,
Yzyňdan öwdüler, apaladylar.
Gideňden soň näçe ýyllap kärdeşleň
“Nä-de, nä, borka?” diýip, sessiz gezdiler.
Ýaz diýlenni ýazdylar,
Poz diýlenni pozdular.
Wejara ýaryşynda bir-birinden ozdular.
Çap diýilse çapdylar,
Tap diýilse tapdylar,
Dep diýilse depdiler,
Gapy gürrüň uýat ýerin
Öp diýseler öpdüler,
Käte omajy oklap,
Gap diýseler gapdylar
Olar şeýle köpdüler.

Ine birden rugsat berdi hökümet
Seni ýatlamana tutmana adyň.
Beýle-beýle mähirli söz, ýyly söz
Seniň haçan eşiden hem gören zadyň.

Özüňi ýedi gat ýere süsdürip,
Çykardylar adyň ýedi gat arşa.
Uruşdan soň doglan ýatlama ýazýar
Gatnaşyşy hakda nägehan urşa.

Bir gezek görmedikler,
Bir köçede ýörmedikler,
Saňa elin bermedikler,
Seni itler çekelände
Bir arkaňda durmadyklar,
Halas torun gurmadyklar
Bu gün ýaka ýyrtyp, saçlaryn ýolýar.
Nätanyş keşbiňi ýatlajak bolýar.
O-da başardanok, heňe gelenok,
Ýekelik aýdymy hora bolanok.

Hapa boldum diýip kemsinme, owlak,
Seni hapalanlar boldular hapa.
“Eýtjekdik, beýtjekdik” diýşibem bu gün
Çypdyryp otyrlar degirmän ýapa.

Çyn şahyrsyz ili aldamak aňsat,
Şahyryň ruhuny bolmaz-a aldap.
Dirikäň üstüňden gülen mähelle,
Ölensoň ýene bir kemsinýär aglap.

Mes eşekler toýnak salýar ýyldyza,
Hudaýy çagyrýar näumyt hassa.
Senem diýýäň:” Men bir suwa düşeýin”
Hapa suwdan çykjakmy sen arassa!

Syýasata girýän barmy azaşyp,
Poha batsaň, boýuň bilen batylýar.
Daşyna tiken sim çekilen ýurtda
Diňe uçup bilýän guşlar atylýar.

Süýrenji bolsaň, hiç kim degenok,
Ýere sygmadyklaň jaýy asmandyr.
Türkmen birine heýkel dikmeli bolsa,
Gurbansoltan däldir, Annasoltandyr!

## HEÝKELLER ÝYLGYRMAÝAR

*Sygan bagşy hakdaky poemamy radio eltemde, «Orazgeldi Ylýasowyň ölümine 20 ýyldan son aglamak gerekmikä?» diýen jümleni ýazmaga eli baran işgäre jogap*

Bir ömrün şerbedi näçe köp bolsa,
Şonça ajy bolýar ölüm awusy.
Näçe beýik boldugyça şahsyýet,
Şonça uzak bolýar onuň agysy.

Menden gowy bilýäň bu zatlary sen,
Menden köpem bilýäň.
Ýok oňa dawam.
Bir zady bileňok:
Ikimiz gitsek,
Adamlaň näçe wagt ýüregi awar?

Näçe wagtlap agymyzy aglarlar?
Üç günmi?
Kyrk günmi? ýigrimi ýylmy?
(Adam galan däldir dodak çöwire,
Görseň, hemme kişiň ýetendir ylmy!)

... Dessanyň iň soňky şahasyn okap,
Ýyldyz daga owsundyryp hyýaly,
Göroglyň ölmüne aglamadyňmy,
Göýä ol soňky jeň düýn bolan ýaly?

Eýsem, indi türkmen iki asyrlap
Aglanokmy Magtymgulyň agysyn?
Gaýdyp berip bilerismi ikimiz
Bu halka, söýgüli Berdi agasyn?

Indi:
«Öldüm, eý waý, gelinler!» diýip,
Kim gygyrsyn Sahy bagşyn, deregne?
(Bak,
Heýkeller gamgyn bolup durýandyr,
Kellä guş gonýandyr,
Alada — egne).

Namart busar,
Mert galar ör-boýuna.
Şir özüni ýeke gezek awladar.
«Güýz, güýz» diýip,
Güýz gününde hoşlaşan
Gurbannazar entek bizi agladar.

... Gowy görşi ýaly gelin-gyzlary
Sekizinji martda hoşlaşan Halyl
Ýatyr gapdalynda Gurbannazaryň
Gygyryp:
«Näm bold-ow,
Oglanlar hany?
Hany Täşli?
Hany Saýlaw?
Italmaz?
Kynmy bir-biriňi saklamak aýa'p?
Her haýsy bir deräň şir-peleňidi,
Doňdular,
Öwrülip hersi bir gaýa.

Näme beýle gysga biziň ömrümiz?
Bizi öldüren zat —
Dostlaryň ölmi.
Hazan ýeli kürsäp, girende baga,
Soldurýar —
Parhy ýok —
Tikenmi, gülmi.

Kemelende her gezek bir dostumyz,
Bir salym ýuwaşap,
Ümsümje gezýäs.
Soňam sessiz aglap
(Ne alaç başga!),
Ýürekden bagyşlap
Hem ýatlap ýazýas.

Şäher Borjak.
Öwezmyrat.
Hanguly...
Sana,
Näçe sapar agzymyz bişdi?
Haýsy biri gitdi gojalyp-garrap,
Haýsy biri hasa tutup ýetişdi?

Irräk gitmedimi Gara Seýitli?
Kaýda mesgen tutdy gardaş Abdylla?
Ussadyň yzynda galýan eserler
Gör, kim üçin — kagyz,
Kim üçin — tylla!

Bizi ýene näçe ýyllap agladar
Nury Halmämmediň jadygöý sazy?
Näçe ýyllap ýürekleri elendir
Annaberdi Atdanowyň owazy?

Eýsem, Gurt Ýakubyň «Serwi agajy»
Wagtyndan ir dökmedimi ýapragyn?
Ynha indem Mämmet Seýit bimahal
Ýassanmaly boldy Durun topragyn.

Aglan ýetişmenkäk onuň agysyn,
(Näm bolany köpümize näbelli!) —
Lowlap-lowlap ýanyp,
Köräbem söndi
Elli ýaşdan ýaňy geçen Ýa. Belli.

Eýsem, indi bu merhumlaň agysyn
Şeýdip ýuwaş-ýuwaş soňlaýarysmy?
Ýa yzynda toplap eserlerini,
Baýraga hödürläp oňaýarysmy?

Şükür,
Wezipe bar ikimizde-de,
Ýöne, ol hakda däl meniň söhbetim.
Kesgitlemek saňa, maňa galmandyr
Uly ýitgä aglamagyň möhletin.

Deýýuslaň gybaty,
Golsuz arzasy
Ýene näçe äriň başyna ýeter?!
Şolardan goraly galanlarmyzy,
Şeýtsek,
Gidenlerem rahadrak ýatar.

Men ýazýançam,
Sen atanak çekýänçäň,
Bir näkesiň gurdy gündiz uwlapdyr:
Halkyň eziz görýän ogullarynyň
Ýene biri keselhana ugrapdyr.

Ýetişeli!
Gopar syrtyň kürsüden!
(Pikir etme,
Sen hiç haçan ölmersiň!)
Şeýdip, men-ä onça ýyllap aglaman,
Senem meni diňdirmeli bolmarsyn.

## G.M

Eger seniň bir ýylgyrşyň,
bir sözüň,
bir garaýşyň
Birni bagtly edýän bolsa;
Eger biri
“Ýok” diýeňde,
Girip derwuş sypatyna,
Daga-düze gidýän bolsa;
Eger biri seni görüp,
Keselinden gutulsa;
Kyn pursatda
Hudaýyň däl,
Seniň adyň tutulsa;
Saňa,
Bir azaşan teşnäň
Ýetişi deý suwly çeşmä,
Soňky demde ýetilse...

Eger şondan soňam
Gidip bilseň
“Ýok” diýip,
Gaty uzak ýaşarsyň
Diňe özüňi söýüp.
Ýykylmarsyň bi mahal
Ýürek agyryň tutup.
Söýgi bagty – kör bije,
Bir gezek bolýa utup.
Gaty uzak ýaşarsyň sen,
Saçyňam agarmaz, mümkin...
Ýöne, saňa hiç kim aýtmaz –
Nämäň hatyrasyna
Ýaşadyň sen?
Kim üçin?

## Ýitdiler

Kim aglap ýör ogurladyp malyny,
Kim uwlap ýör gapjygyny ýitirip.
Öwezine bir zat bermeli Taňry,
Ýetişenok ähli arzy bitirip.

O biriniň  ýel goparýar üçegin,
Beýlekiň hasylyn guraklyk alýar.
Taňrynyň barlygy alynýar şübhä,
Ýa-da, baram bolsa, görmedik bolýas.

Ynsan tebigaty bor eken beýle:
Ýitirse aglaýar, begenýär tapsa.
Özgäň äňi ýazsyn perýwaýyna däl,
Dälirär, özüniň bir dişi gopsa.

Sapy altyn bormuş ýiten pyçagyň,
Eliňdekä Aý bir posly demirmiş.
Ýurdundan kowulyp, watansyz galan,
Dişsiz galyp, tirsegini gemirmiş.

## BITAÝ HORJUN

Iki dogan ýogalypdyr bir günde,
Ýene bälçiräpdir degişgen pelek.
Ýazylmadyk kanun ýazylandan zor,
Ölüm- bir tüweleý, jan – bir kebelek.

Müň bir sypat lybasy bar ajalyň,
Bu gezegem dürli donly gelipdir.
Biri aç ölüpdir iki doganyň,
Beýlekisem aşa düşüp ölüpdir.

Bir gözi boş bolsa, bir gözi doly,
Horjun agman durup bilmez taýlaşyp.
Ikijigem diri gezip ýörmeli,
Iki dogan iýen bolsa paýlaşyp.



# SYGAN BAGŞY
## Poema

*(Orazgeldi Ylýasowyň ýadygärligine)*

**1**

Ötdi kerwen
Giň sährany terk eýläp.
Giň sährany gözýaşyma gark eýläp.

Ötdi kerwen,
Geçdi kerwen çölümden...
(Utulýan kän,
Gutulýan ýok ölümden).

Çöl şeýle giň,
Göz ýetirip bolanok.
Kerwen welin yza dönüp bilenok.

Jahan çöldenem giň,
Sähradanam giň —
Ýyllary kerwenläp,
Bir çetinden gir!

Gorap,
Gizläp ^
Müň gowgadan bir başyň,
Çekiber,
Çekiber kerweniň başyn!

Ýük agyr.
Ýol uzak.
Ýol uzak hem kyn.
Pellehana bolsa şeýle bir ýakyn.

Ýetersiň.
Ýatarsyn,..
Ötersiň şeýdip.
Ýol uzak,
Sähra giň —
Bolanok gaýdyp.

Otuz üç ýyl.
Gysga kerwen, eý aman!
Pellehanaň ýakyn eken,
Sygan jan!..

**2**

O ýyllar men on dört ýaşly çagadym,
Bardy meniň ýönekeý bir sagadym.
Könedi.
Mendenem dogupdy önräk...
Ýitirdim.
Agladym.
Gözledim eňräp.

Özümden ulular soranda derdim:
«Täzejedi,
Gyzyldandy» diýerdim...

O ýyllar men eýýäm ýigit çykypdym,
Yşk dagyny gerdenimde çekipdim.

Aýra düşüp wysalyndan lälämiň,
Näçe ýyllap agtaranym nämälim.

Obam,
Ilim-günüm soranda derdim:
«Aý jemally,
Aýjemaldy» diýerdim...

Sagadam edindim —
Iň soňky moda.
Söýgime-de duşdum —
Bir ýanar oda...

Birden elim maňlaýyma ýetirdim:
Bu gün nädip,
Nädip seni ýitirdim?

... Ötdi kerwen,
Geçdi kerwen düzümden.
Şeýdibem sen gaýyp bolduň gözümden.

Sökeýin sährany,
Gezeýin çöli,
Ýarsyn dodagymy epgegiň ýeli,
Çapar bolup çar tarapa çapaýyn...
Ah, nireden,
Nädip seni tapaýyn?!

Sygan bagşy.
Juwan bagşy.
Jan bagşy.
Merdan bagşy.
Soltan bagşy.
Han bagşy.

**3**

Gülseň gözüň süzüldi,
Üstüňde jan ezildi.
Ah, Garagöz, Garagöz,
Gitseň, meýlis bozuldy.

«Dur» diýende durduňmy?
Durup, hile gurduňmy?

Ah, Garagöz, Garagöz,
Özgä köňül berdinmi?

Köşeşerden ir, gelin,
Gabrystana gir, gelin.
Aglasaň — gözýaşyňy
Ýandak bilen syr, gelin!

Ýuwaş-ýuwaş sowanyň
Çaklan eken Syganyn.
Soňam...
Hoşlaşmak üçin
Saklan eken Syganyň.

Gözi düşüp durmasa,
Agtarypdyr, ýoklapdyr.
Seniň gara saçyna
Gije diýip uklapdyr.

Şol uklaşy.
Galmady.
Pelek, munyň bolmady.
Mukamsöýer türkmenim,
Daragtyň boý almady!..

**4**

Biz juda kän bardyk —
Sazyňy sorap.
Biz juda az bardyk —
Halyňy sorap!
Şeýdip, biz özümiz ýitirdik seni
Biz seni özümiz bilmedik gorap!

Diýerdik:
«Howlukma,
Dursana, Sygan,
Pylany toý edýär,
Ýörsene Sygan...”
Diýerdik ýagdaýyň görüp duruban:
“Hany
Şujagazy ursana Sygan...”
Indem durus başujuňda yzlaşyp:
“Bir göter başyňy
Tursana Sygan!...”

Ötdi kerwen,
Golda galdy dostlaryň.
Seni ýollap,
Ýolda galdy dostlaryň.

Bu panyň oýnuny görsene, Sygan!
Bagyşla!
Tursana!!
Ýörsene, Sygan!!!

**5**

Aç gözüňi,
Nazar aýla daglara-
Olar seniň dutaryň deý dymyp dur.
Güýz ýapragy
Bilbil uçan bagyňdan
Mahym gyzyň göz ýaşy deý dymyp dur.

Garly daglaň awlagynda aw görüp,
Öz ömrüňi haýsy awça awlatdyň?
“Aglama” diýip,
Mahymjany diňdirip,
Näme birden uly ili aglatdyň?

Garaganyň gara bagryn gan edip,
Ýaş akdyryp Bäherdeniň gözünden,
Şindem seniň sona boýlyň sallanyp,
Hanha barýa Ýolöteniň düzünden.

Ýeri, nirä gitdiň
Bir gezek tutman
Ýüregiňde arman goýan goşardan?
... Daş çyksam —
Owazyň içerden gelýä,
Öýe girsem —
Ýaňlanyp dur daşardan...

**6**

Ötdi kerwen,
Geçdi kerwen çölümden...
Hoş gal, sähram,
Hoş gal!
Bolanok gaýdyp.
...Hergiz namart köprüsinden ötmediň,
Gark bolup derýada galdyňmy şeýdip?

Labyrdan çykmagyň gümana eden
Gümman derýa —
Durmuş bolup çykdymy?
Gazap edip, agdardymy gämiňi,
Şeýdip, düýpsüz ummanyna, çekdimi?

...Gara dag dymyp dur —
Gara dutar deý,
Gara dutar —
Gara dag deý dymyp dur.
Ýüregmize bolsa ýalňyz owazyň
Şerbet bolup,
Melhem bolup damyp dur.

Üstünin, şol gadym köprüsi bilen
Akyp ýatyr seni gark eden derýa...
Mertler —
Şindem özün oklaýa suwa.
Namartlar —
Şindizem köprüden barýa...



## ÝOL BAŞYNDA ENE BILEN

*Poema*

«Çyn derwüşler ýol diýp aglar»
*Zelili*.

Bu ýollaryň ne öňi bar, ne soňy.
Kim eşdipdir çyn derwüşiň ahyny?!
Duran ýeriň —
başlangyjy bu ýollaň,
Ýeten ýeriň —
Bu ýollaryň ahyry.

Ýol diýeniň şöhrat ýaly bir zatdyr
Näçe çalt ýöresen, şonça tiz ýykar.
Jeht edip gözleseň tapdyrmaz aňsat,
Tamaň ýolnansoňam öňünden çykar.

Ýol diýeniň aýal ýaly bir zatdyr —
Ýüz-müň syry bardyr,
şonça-da aly.
Uzak syýahatdan dolanyp gelseň,
Ol eýýäm göwnüňe seňki däl ýaly.

Ýol diýeniň ykbal ýaly bir zatdyr —
Dogry barýan hemrasyny harlamaz.
Menziliňe ýetir pes bolsa päliň,
Gedemligi,
men-menligi halamaz.

Dünýäň müň bir ýoly ojakdan başlar.
Haýsy ýene gaýdyp ojaga ýetir?
Terk edip gidere müň sany ýol bar,
Diňe müň birinji yzyňa getir.

Gelersiň başyňy etegňe salyp...
Eneň bir ýylgyrar,
gözleri gülmez.
Ýat bolup ýadam däl,
öňki mährem ýok.
Gujaklabam bilmez,
itibem bilmez.

Ýat myhman gelende mal soýan ataň
«Hoş, geldiňmi?» diýip, mellege siňer.
Näçe ýyllap didaryňa zar bolan
Naçar uýaň ne-hä aglar, ne diňer.

Ne giň howla, ne-de öýe sygarsyň,
Öwhüldäp özüňi urarsyň oba.
(Tumşugyny göge tutup gideni
Gökden inen şarpyk getirýä toba!)

Gelmişege meňzäp syrarsyň köçe,
Böwür berip çaga geçer deňiňden.
Bir çak daban bilen gyzdyran ýerleň
Çybyk deý ilişip, çeker ýeňiňden.

Ber habarňy —
darlyk eder oba-da!
Säginmän çykarsyň iler çetine.
Köne obaň harabasy ýatandyr
Gar ýagdyryp ak geçmişiň petine.

Göbek ganyň daman ýeri galandyr
Buldozeriň zynjyrynyň teýinde.
Otur indi —
ýeke galan myhman deý
Bir nätanyş obaň sowlan toýunda!

Ýok, oturma —
akar suwuň boýuny
Syr-da, ugra Ekiz dagy nazarlap.
Börme obasyny müň ýyla golaý
Gandyryp gelýändir bu gadymy ýap.

«Aýböwürden»,
«Dam-dam» çeşmäň deňinden
ýol syryp geçip git paýu-pyýada.
Dyzyňy ep saýasynda söwütleň,
Hem oýlan —
näme bar ýoldan zyýada?

Dogduk depe,
ene-ata,
dosty-ýar...
Ýol dälmi duşurýan barysy bilen?
Ilki Çary mürzäň Işandurdysy,
Soňam Baýjyk agaň Çarysy bilen?

Nirde bu gün Gadam şartyň Betdisi?
Ataguly — jellewleriň ulusy?
Şükür, Mämmetgurban otyr obada,
Hem Anna synjowyň Sapargulysy.

... Seň şeýle bir dostuň kändir şäherde!
Birinden gizlenseň, bäşisi tapar!
Dünýäň düzüw wagty bary daşyňda,
Emma...
başa iş düşäýse bir sapar

Gapdalyňda ýekesinem görmersiň.
Öýüne barybam ýagjarmaz dişiň.
Aýal hüňürdisi bagryňdan geçer...
Ýene oba gidip bitirsiň işiň.

Şäher dili — çet ýurt dili ýalydyr,
Diňe obaň düşer derdiňi aýtsaň.
Oturansyň on gat jaýyň başynda —
Aç öläýjek ýaly şäherden gaýtsaň!

Ne mellegiň bardyr, ne-de bir howlyň,
Çagalaryň zardyr çykmaga köçä.
Eneň her gelende aglap ýalbarar:
«Nä görgüň, jan ogul, obaňa göçäý.

Ene dilin öwredeli çagaňa,
Alty ganat ak öý dikip bereli.
Oguldan-a ýylgyrmady dişimiz,
Agtyklaň bir yhlasyny göreli!...»

Wah, eje jan,
Seýdide bir setir bar:
«Ölçerme odumy gozgama derdim».
Göni bagta eltýän ýeke ýol tapsam,
Eşege ters münüp,
Şu gün giderdim!

Seýdide ýene bir setir bar, käbäm:
«Uçarga ganat ýok, gonarga perman».
Arakmy,
Çilimmi,
Taksi,
Restoran...
Dert gyt däl şäherde.
Gyt bärde derman.

Iň agyr keselden ýol eken derman,
Halas edýär başyn alyp gideni.
Ýene derman heläkläbem bilýändir
Gereginden artyk kabul edeni.

Iň agyr keselem ýol eken, käbäm.
Oňa em tapamok şu güne deňiç.
«Suw küýzesi suwda synar» diýleni,
Menem ýolda «synaýmasam» ir-u-giç.

Awara.
Sergezdan.
Galandar.
Derwüş.
Ýologly.
Gezende.
Mejnun.
Diwana...
Bulan bary men ýanymda «balaja»,
Neneň onsoň sygaýyn dört diwara?!

Gol gowşuryp,
uzyn salyp aýagňy
Otyr ýaly boldumy bu zamana?!
Pir ýok paşmagyna ýykylar ýaly!
Pygamber ýok.
Dörejegem gümana.

Dört-bäş sany boýny ýüpli «sopyny»
Daşyna üýşürip,
«pir men» diýýän kän.
(Müň ýyl namys üçin ar alan millet
Ar üçin namysyn beräýjekmikän?)
Kim kimden ar alýar?
Biz nirä barýas?

Şeýle ýoly saýladykmy indi biz?
Eýsem, şu üç baýlyk umumy dälmi —
Gara dag, ak çäge
hemem gök deňiz?

Ýene şeýdip, men ýurt söküp aýlanýan
Ýeten ýerne aýagmyň hem pulumyň.
Men düşünjek bolýan kimiň salanna
Başymyza agzalalyk zulumyn.

«Halkyň bagty üçin göreşýän» diýip,
Kasamam edip bor,
antam içip bor.
«Teke, ýomut, gökleň, ýazyr, alili»
Bäş döwlete gulluk etse niçik bor?!

Eýsem, bir aýagyň çykansoň ýoldan,
Ikinji aýagyň özi çykmazmy?
Bu gün goňşusyna daş atan nadan
Erte-birgün öz öýüni ýykmazmy?

Eýsem, ertir lal açmazmy, jan enem,
Öz ene diline dodak çöwüren?
Baýnarmy halkynyň düýnki gününe
Nazaryny däl-de, syrtyn öwüren?

Düşünmeýän zadym kän heniz, käbäm,
Düşünýänler maňa kesek oklasyn.
Dünýe gaýyk ýaly çaýkanyp durka
Maral nädip meni öýde saklasyn!

Dünýäni düzedip biljekmi, ýokmy —
Barybir ýene-de men ýola çykýan.
Ýolda heläk bolan Gurbannazaryň
Başujuna baryp, dyzyma çökýän.

Soň ýatlaýan Annaberdi Atdany,
Onuňam aýdymy ýolda kesildi...
Wah, käbäm,
seniňem şol köne heňiň:
«Otur öýde,
beýdip ýörme,
bes indi!».

Oturmaýyn, ýol sökeýin, ezizim,
Meýletin bir epmäýin men dyzymy...
Göwnüme bolmasa, ýol ýitirdim men.
Azaşanam tapsa ýagşy yzyny!



# DAÝANÇ NOKADY

*(Publisistiki poema)*

*Dostum Annadurda*

Salam, gardaş.
Myhman bolup gapyňdan
Ýene geldim ençe ýyly ötürip,
Dogandan ýakyndyk.
Ýat bolup barýas —
Sen obada,
Men şäherde oturyp.

Öýüňde barmykaň,
Ýa bir ýerlere
Gitdiňmikäň diýip gaýgy edemok.
Şükür,
Her gelemde çykýaň öňümden,
Bir gezegem tapman, yza gidemok.

Alaň-açyk derwezäňem,
Gapyňam,
Saçagyň,
ýüregiň,
Ýüzüňem açyk.
Myhman bolup iliň öýne gideňok
Öz öýüňe gelen myhmandan gaçyp.

Ertesi gün işe baryp diýeňok:
«Owf!..
Agşam öýe bir myhman döküldi!
Çagalar ýatmady daňdana çenli,
O-da hiç, how, —
Öýde çilim çekildi!»

Myhmanhana baryp,
Myhmanyň üçin
Boş otag diläňok boýnuňy burup.
Salam berip ogluň ýaly satyja,
Kolbasa alaňok nobata durup

Giň howlyň çüňkünde irkilip duran
Bir tokly ýa çebiş pyçaga münýär...
Geň zat:
Dost ýygnaňda saçak başyna,
Ne gybat edýän bar,
Ne-de öwünýän.

Özem şeýle sada,
Açyk oglanlar,
Içi-daşy mahrum ýasamalykdan.
Aýdym-sazdyr goşgy tapsa geçerler
«Terbaşdan», «Çemenden», «Ýasmansalyk-dan».

Olar pul bukanok aýallaryndan,
Adres ýa telefon ýaşyranoklar.
Garanoklar depesinden şägirdiň,
Halypaň ýanynda «ýaşynanoklar».

Enesi-agasy segsenden geçip,
Bilin büküp, bolanynda bir gysym,
Olar tabşyranok «pansionata»
Köpi ötüp, azy galan garrysyn.

Tüweleme,
Ogul-gyzyň ýerbe-er,
Ýelden-günden,
Gözden-dilden goraýaň.
«Näç-äý şular?
Ýedimi ýa sekizmi?» —
Degşen bolup aýalyňdan soraýaň.

Tüweleme,
Biri tabak daşap ýör,
O biri dur gaçjak bolup tabaga.
«Eýdiň-beýdiň» diýip, söz zaýalaňok,
Düşünýärler göze, gaşa, gabaga.

Tüweleme,
Geregi ýok sözlügiň,
Öz ene dilinde jedir-de-jedir.
Hemmesiniň «piri» tokarja gyzyň
Jigilerne uýadyr hem ejedir.

Kän bir gynanybam oturan dälsiň
Instituta girip bilmedi diýip.
Ol bilýänem däldir ýaşap bolýanyn
Işlemän-ä iýip,
Gazanman geýip.

Ol görenem däldir,
Eşdenem däldir —
Ýalan hem kör duýga örtenip, bişip,
Käbir ulugyzyň gelin bolmanka
Ene bolaýýanyn aldawa düşüp.

Bilýän däldir bikanun hem bigünä
Çagaň taşlanýanyn bäbekhanada.
(Besdir,
gezibildik gözümiz ýumup,
Ýeterlik üns bermän şeýle halada!)

Ýöne, haýyş edýän, darykma, dostum,
Tapsa öz ornuny durmuşda her kim —
Ol gowy zat,
Ýöne hasam gowusy:
Ynsan zemin bilen baglasa örkün.

Şükür,
Obalarda iş gytlygy ýok,
Iş kän bolýar asfaltyň az ýerinde.
Aýagyn topraga dirän adamyň
Boş alada bolýan däldir serinde.

Ykbaly topraga baglanan adam,
«Bu gün nirä gitsemkäm» diýip ýaýdanmaz.
Başujunda sagat goýup ýatmaz ol,
Enesinden ir turmaga ýaltanmaz.

Ol hiç haçan demikdirip topragy,
Asfalt çalyp çykmaz agyz-burnuna.
Dynç almaga putýowkasyn galgadyp,
Başga birni goýup gitmez ornuna.

Onsoňam, seň çölüň bar-a, byradar,
Çykaýmaly öýe sygmadyk wagtyň.
Gaýnadyp bolýar-a bir taňka çaýy —
Palta salman injigine daragtyň!

Bilýäň,
Mert ojaryň,
Ýa boz jereniň,
Kastyna gezelen palta ýa tüpeň —
Köçede duran bir owadan gyzyň,
Baryp köýnegini ýyrtan bile deň.

Jennetiň waspyna köp söz gerek däl:
Bu sähra syn etse,
Lal aýdym aýtjak!
Gara niýet bilen barýan ýolagçam
Bu çölden bir geçse,
Pälinden gaýtjak.

Iň esasam, topragyň bar, gadyrdan,
— Dabanyň astynda daýanç nokadyň.
Goý, bolsun diplomyň başga ugurdan,
Ýer ylmynam «ikiliksiz» okadyň.

Durmuş atly mugallymyň elinde
Okamadyň agşamna ýa gaýbana.
Kime zemin gerek — goýmaga başyn,
Kime asman gerek — ganat ýaýmaga.

Bir otagda,
Bir saçagyň başynda
Ýaşapdyk paýlaşyp bir döwüm nany...
Bu gün Aşgabatda kök urdy dostuň,
Sen mekan tutundyň Türkmengalany.

Herimiz bir ýoldan ýöredik şeýdip,
Herimiz bir zatdan gözledik rysgy.
Herimiz tereziň bir tarapynda —
Içeriň has ýyly.
Kalbyň has yssy.

Demir-betondan däl diwary öýüň,
Potologa eliň ýetip duranok.
Iň uly güýmenjäň —
Iň kiçi ogluň,
Çagalaň bagtyndan uly baýlyk ýok.

Hawa, dogan, seň ýaşaýan ýeriňde
Çörek hasaplanýar bar zadyň başy.
Köçe-köçe,
Gapy-gapy gygyryp,
Aýlanyp ýörenok süýt satýan maşyn.

Oňa derek
Köçeleri sarsdyryp,
Ýeriň demir hossarlary geçip dur...
Bu sahy topragyň ortarasynda
Babadaýhan maňlaý derin saçyp dur.

Ol gabanýar,
Gysganýar seň wagtyňy,
Ol çagyrýar seni ala meýdana.
Meň bilenem telpek bulap hoşlaşýar:
«Besdir, ýigit,
Gaýdaý senem mekana!»

Sag bol.
Ýene galýaň meni ugradyp.
Ýola dolap berýäň tegelek nany.
Sebäbi sen bu topragyň eýesi
Sebäbi, men bu topragyň myhmany.



# ARTYKMAÇ ŞAÝATLAR

*Poema*

**1**

Ýüz göwräni kerçäp,
Ýüz başy kesip,
Müňün oda ýakyp,
Ýüz-müňün asyp,
Ol dünýäň deň ýaryn edipdi tabyn,
Ol dünýäň deň ýaryn alypdy basyp.

Azyndan ýüz gezek ugrapdy jeňe,
Ýüz gezegem ýeňiş bilen gelipdi.
Gör, näçekä asmandaky ýyldyzlar?
— Şonça ömrüň tanapyny ýolupdy.

Gara suw bu dünýäň üçden ikisi —
Döküpdi ol şonçaragam gara gan.
Ak saçyň başyňda näçeräk, enem? —
ol şonça şäheri edipdi weýran.

Näçeräkkä bu deňizleň balygy?
Şonça bardyr ol zerarly baş goýan...
Zalym şadan hyryn-dykyn Taryha
Girmek üçin gözlemändir başga ýol.

**2**

Ol kimiň daşyny zer edýän eken,
Ol kimiň başyny şer edýän eken,
Basyp alan,
Asyp alan,
Kesip alan ýurdunda
Demir hökümlerin ýöredýän eken,

Öz ýanyndan jahandaky ýaşaýşy
Hamana täzeden döredýän eken.
Ol şeýle bir eýmenç seredýän eken,
Nazaryn kaklyşsa eredýän eken.

Gazap bilen galdyranda gabagyn,
Epeý pyýadalar gagşabir eken,
Naýza bolup sanjylanda nazary,
Naçarlan çermegi gowşabir eken...

Şeýle bir şa ýaşan.
Şeýle bir zalym.
Ne-hä deňi bolan,
Ne-de bir taýy
(Eý, ygrarsyz şöhrat Kyrkemjek şöhrat,
Kyrk birinji emjegiň ne enaýy?!

Dogrusyny aýtsam,
Juda kän, şöhrat,
Ugrunda saralyp.
Ýaprak deý gaýýan.
Dogrusyny aýtsam,
Entegem gyt däl
Sana kowalaşyp balaksyz galýan...)

**3**

Ýeňiş bilen şa dolandy yzyna.
Oň bu gelşi ýüz birinji gezekdi.
Şol gara gün ýüzügara şöhratyn
Gara ýüzün görmäge göz gerekdi!

Nije garda gan siýdirip gelen şa,
Nije ýurda ýas geýdirip gelen şa,
Ençe günläp öz ýurdunda toý beren,
Şonça günläp şehitlere meý beren,
Öý-öwzarsyz ýetimlere öý beren,
Zyndanlardan ýesirlerin goýberen.

Soňra
Dabarasy arşa galan şa,
Ýeňiş badasyndan serhoş bolan şa
Çola otagynda giden bir köşgüň
Pidasy bolupdyr biwepa yşgyň.

Onun näçe aýalynyň bolanyn
Ne adamlar bilen,
Ne taryh bilen.
(Aý jemally,
Ýaý-kemanly gözeller
Barybir,
Barybir şu köşge gelen).

Iň bir eý görýäni,
Iň ýaşy eken
Şanyň şo gijeki gözüne ilen.
Diňe saçy bilen örtüp tenini
Titräp duran gelin ýorgana giren...

Şa meýmiräp,
Süzüp ýadaw gözlerin,
Gyşarýa
Ýassanyp janly ýassygy.
Birdenem,
(Eý, alla!),
Daşyny alýa
Adamlaryň münder-münder maslygy

Terslin-oňlyn ýatan ganly göwreler
Birden-birden göz öňünde dikelýä.
Ýangynlaň ýalnyna gyzaran gözler
Ýanyp barýan şäherlere dikilýä,
Sönüp barýan şäherlere dikilýä.

Şanyň sansyz leşgeri deý pikirler
Giriberýä ýorganyň bir çetinden.
Uzak ýoluň,
Argynlygyň azary
Süňke ýetiberýä geçip etinden.

(Janam bir süýji zat, gadryn bilene,
Eýsem, kimiň gelenokmyş ýaşasy?)
Garyp al şeraba uky dermanyn
Başyna çekipdir şalaryň şasy.

**4**

Ajal,
Seniň näçe sany donuň bar,
Jan almagyň näçe usulyn bilýäň?
Häzire çenl-ä ýok, saňa garaşan,
Sen bolsa barybir,
Barybir gelýäň!

Kimiň kükreginden ok bolup girip,
Kesel bolup ýykýaň ýene birini.
Bendäm nädip sebäp bolýa bendäme?
Ýa müň bir lybasyň bu-da birimi?

Kimiň otuz ýaşda ganyna galyp,
Kime berýäň ak saçyny altmyşyň.
(Belki, bugün maňagahar edýänsiň,
Beýle bolsa Gaýtmyşym meň,
Gaýtmyşym...)

Garyp ol şeraba uky dermanyn
Çekipdir başyna şalaryň şasy...
Şeýdip,
Dabarasy arşa galan şa,
Ahyr bolan bir kemçiniň pidasy!..

Öz ýanyndan şo gününem az görüp,
Eýe bolmak isläp üýtgeşik bagta,
Öz ärin elinje zäherlän heleý
Haram oýnaşyny çykarýa tagta.

Ata çykan göge tutsa tumşugyn,
Nämäni geň görjek tagta çykandan?
Maksada ýeten şa gelýä netijä:
«Dynan ýagşy minnetini çekenden..»

Şa halkynda ygrar bamy onsoňam,
Şalar diňe şalygyna daýanýa!
Zenan gudratyndan gözi gorkan şa
Artykmaç şaýadyň ýoguna ýanýa.

**6**

Şeýle agyr jenaýatda aýplanyp
Şiriň kapasyna zyňylýa naçar.
Şir bolsa...
Şir bolsa dört günüň ajy,
Onsoň, ýaňky naçar näçeräk ýaşar?..

Ýap-ýaňam
Adamlaň soltany bilen
Geçirlen gijeleň ýatlap ençesin,
Aglap duran gelnin, näzik tenine
Haýwanlaň soltany urýa penjesin.

Ýap-ýaňja-da şanyň ýassanyp uklan
Ak göwsünden ganly agzyn saldy şir
(Ujuňyzda şa barmagnyň yzy bar,
Titräp duran,
Hudaý uran goşa nar!..)
Bir silkende goşaňyzam ýoldy şir.

Ah, zalym şir,
Sorup ýatyr ganyny
Zalym şanyň balyn soran göwreden.
Gysga ömrüň yrga sallançagyny
Şir bu gezek Ezraýyla üwreden.

**7**

Zalym şanam,
Zalym şirem bireýýäm
Wagt asyrlaryň çaňyna garan.
Bu wakalaň köne şaýatlaryndan
Diňe köşkler bilen Ezraýyl galan.

Kimiň döwi deňmiş Ezraýyl bilen?
Ezraýylyň oýny çakyňdan ýeser
Galaba şaýadyň soňuna çykan
Ezraýyl köşkleňňem başyna ýeter.

**8**

Ajal,
Seniň näçe sany donuň bar,
Jan almagyň näçe usulyn bilýäň?
Ýogsam,
Dünýe döräp,
Senem bar welin,
Ölmeg-ä däl,
Gaýtam garraman gelýäň.

**9**

...Bu wakalaň köne şaýatlaryndan
galan diňe
köşkler bilen Ezraýyl...
...Köpelmese Ezraýylyň lybasy
Adamlar,
Men sizden müňde bir kaýyl!..



# ULLAKAN SANLAR HAKDA KIÇIJIK

*Poema*

**1**

«Elli dört million baş garyldy guma.
Ýara düşdi togsan million bedene...»
— Azajyk dur, gardaş —
diýesiň gelýär
bu gün syýasatdan gürrüň edene.

Bir,
Iki...
On...
On bäş...
Ýöne sanabam
O sanlaryň aňyrsyna ýetme ýok
Millionlaň parahat ýatany üçin,
Bu gün
millionlara rahat ýatma ýok.

Adamzatdan has ir dörän topraga
Bolmandy beýle köp gan siňen ýeri...
Birdenem,
Şeýle bir galňady taryh,
Hem
şeýle ýukaldy ömür depderi.

Geçmişi,
geljegi
nyşana alyp,
Gopan wagty Ýewropada kyýamat,
Şonda kabul edip ilkinji oky,
ýykylypdy ýaralanan syýasat.

**3**

«...Partizanlaň ysy gelýän» obalaň
Külüniň asmana galan ýyllary,
Gyzlaň heniz el degmedik göwsüni
Pyçak dilim-dilim dilen ýyllary,

Ýüzläp,
müňläp
ýewreýleriň kükregin
Gülleleň petir deý bezän ýyllary,
Oberşturmbanfýurer pistoletini
Ýesir çagalara gezän ýyllary...
Syýasat o ýyllar asgyndy juda
Bu bolýan zatlara garşy çykardan.
«Adam başy
daşdan gaty» bolsa-da,
Ýitgiler agyrdy çydap-çekerden...

**4**

Gel, iň gowsy goýaly şu gürrüňi,
Gowsy başga harmanlary döreli.
Eýerläp atlanan sowallar hakda
Beýdip, haçana çen dymyp ýöreli?

Wagty geler,
syýasatly gürrüňe
Belki,
dolanarys ýene bir gezek
(Onsoňam, gül hakda söz açjak bolsaň,
Iň bolmanda ysyn almagyň gerek!)

Gowsy, gel, ýatlaly ýene bir ýola
Her demine müňi ýuwdan ajaly.
Müňläp ömri syrtmagyndan geçiren
Eşafotlar hakda söhbet açaly.

Çyn söze berimsiz ýalanlar hakda,
Bozulan şert hakda,
bozanlar hakda,
Tüsse bolup göge galanlar hakda,
Öz gabryny özi gazanlar hakda...

Hany,
ýeser bolsaň dur-da gürlemän
Öwezin dolmajak bergiler hakda,
Ýaňy göze görnen gunçalarmyzy
Penjesine gysan gyrgylar hakda...

Häzirlikçe syýasaty goýaly,
Oňa dolanarys ýene bir sapar.
Ölenleň öňünde ölinçä borçly
Diriler, gör, haçan ynjalyk tapar?!

Gel, gowsy gürläli müňläp ýüregi
Entekler daglaýan azarlar hakda,
Gel, gowsy gürläli müňläp ýüregi
Ýüreginde gizlän mazarlar hakda.

Nirelerde ýatyr ýar gujagynda
Ýatmaga ýetişmän giden ýigitler,
Soňam
ahmyr bilen
bulaşyp gana,
Atmaga ýetişmän giden ýigitler?

Bir çak
kükregine
ok biten görler,
Bir çak
töweregne
ot biten görler,
Gör, nirde ýatyrlar?
Olara bolsa
Bärde şindi-şindem garaşyp ýörler.

Ýyllar gowzudardan ejizräk gelýär
Eneleň umytdan doly ýüregni.
Bölejik kagyzlar —
tutýarmy näme
Arslan ýaly pyýadalaň deregni?!

Eneleň
şindizem
gözleri ýolda...
Ogullaň
şindizem
özleri ýolda...
Ýol bolsa şeýle bir gidipdir uzap!..
Ah, garaşmak bolsa
şeýle bir güzap!..

**6**

Pidalara togap edýän diriler
Eýsem, bu gün haýsy ýoldan barýalar?
Olar şeýle gymmat düşen ýaşaýşyň
Sarpasyn tutmagy wada berýäler.

Ýöne, syýasatdan söhbet açylsa,
Hemme kişi Siserona dönäýýär...
Alymlara bil baglaýar adamlar.
Önmesiz ýaragam,
birden önäýýär...
Ylmyň jümmüşine siňýäni üçin
Köpler garamatyň alnynda durlar
Bäş ýyllap oýlanyp,
bir açyş edip,
Soň welin
on ýyllap
sandyrap ýörler.

Azmy saňa
Nagasakiň nalasy,
Hirosimadaky ahyrzamana?
Aldyň ahyr almytyňy atomdan,
eý,
Ynsanýet,
gelmezmisen amana?!

**7**

Adamlaň şeýle bir ýaşasy gelýär,
adamlar şeýle bir iripdir jeňden.

Şindi-şindem
gije-gündiz rahat ýok.
Bir çak Buhenwaldda kakylan jaňdan.

Şindi-şindem oýa batýar adamlar:
Konslagerler näçe?
Näçeräk pida?
...Rawensbrýukda bolsa diwarlar dymýar,
Mauthauzenden çykanok seda.

Bu gün näletläre döz gelip bilmän
Oswensimiň turbalary yranýar...
Başynda gara saç
galmadyk ene
Iner ogluň geljegine ynanýar.

Ene ogul ýollap,
ogla garaşýar;
Ol nätsin ordeni,
nätsin medaly?..
Ah,
nämüçin gan dökýäler adamlar,
Edil bir-birinde kasty bar ýaly?!

Bahasy
gan bilen
ölçelýän bolsa,
kime gerek goşa-goşa ordenler?
Kime gerek
suw deregne gan akýan
Wolgalar,
Dunaýlar,
Reýnler,
Oderler?..

**8**

Jeňde ölmek üçin gelen ýok dünýä,
Atsyz-sorsuz ýitmek üçin dogan ýok.
Artykmaç ogul ýok enelermizde,
Uýalarda üýşüp ýatan dogan ýok.

Her döwlet özüçe akyl ýetirýär
Bu gün dünýämiziň dymyp durşuna...
Bizde welin üýşüp ýatan ömür ýok —
Çalşar ýaly dokuz gram gurşuna!..

**9**

...Millionlaň parahat ýatany üçin,
Bu gün millionlara rahat ýatma ýok...
Şunça ýyllap damyp duran gözýaşlaň
Entek-entek aňyrsyna ýetme ýok...



## SONETLER ÇEMENI

**Ýyllar möhrün maňlaýyma ýelmedi:**
**Kör düýämi başga köprä ideýin.**
**Kyn günümde, gyz günüňde gelmediň,**
**Gül günümde, dul günüňde nädeýin?**

## GÖZLEG

*(Sonetler  çemeni)*

**I**

Göýä aýsyz gije azaşan ogry —
Oýlar jeňňelinden yz çalyp barýan.
Ne jogap, ne sebäp görünýä oňly,
Bir melgun sowala müň gapan gurýan.

Bu ýowuz «nämüçin», ýalňyz «nämüçin»
Gulagymda şarpyk bolup ýaňlanýa...
Kän eşitdim jany bir diýp gämiçin,
Deňiz bolsa «doýmadym» diýp hiňlenýä.

Asman aglar her ýyldyrym çakanda.
Ýeller pellehana bilmezler ýetip...
Bu sapaly, bu jepaly jahanda
Her kimiň öz derdi özüne ýetik.

Çöküp «nämüçinleň» öňünde dyza,
Terk eden ýyllarma dolandym yza..

**2**

Terk eden ýyllarma dolandym yza.
Seýle çykdym «Ýatlamalar bagyna»..
Söýgi derýasynda gark bolan gyza
Gol uzatdym... Telim sapar sagyna.

Telim sapar doňdum mähir deregne,
Nämüçindir, nämedendir — çekindim.
Ahyr bir gün daş bagladym ýüregme...
A soň bolsa telim sapar ökündim.

Telim sapar «geler» diýip garaşdym.
(Göz ýola kän baksa, dolmazmy ýaşdan?)
Gaşyn çytsa, «güler» diýip garaşdym,
Wah, bilmedim, ýürek, buzdanmy, daşdan.

Daş deý doňup, buz deý eränim dogry.
Garaşanym dogry, garanym dogry.

**3**

Garaşanym dogry, garanym dogry.
Çyplaň hakykaty nädeýin gizläp!
Meň bir söýgim bardy—daşy gundagly,
Gezdim hüwdi gözläp, sallançak gözläp.

Kökenekler boldum, gerip döşümi.
Nämeden goradym? Gabandym kimden?
Terk etdim dost-ýary, deňi-duşumy,
Ýekelige öwrenişdim kem-kemden.

Açýa gözleriňi kän zada söýgi,
Söýgi gözleriňi gapybam bilýä.
Bu mejnun kalbymda şeýle bir duýgy:
«Diňe sen, diňe sen, diňe sen — dünýä!»

Sygyndym, gol berdim ýeke-ýalňyza —
Öýkesi näzinden agdygrak gyza.

**4**

Öýkesi näzinden agdygrak gyza
Keramata garaşan deý garaşdym.
Ýok, men ýalbarmadym, çökmedim dyza.
Maksadymy baýdak edip göreşdim.

Düýrme gyljym—ynam, galkanym—yhlas
«Alla!» diýp atlandym arzuw atyna...
Hiý, onsoň siňermi bu ullakan ýas
Geçmiş kitabynyň çaňly gatyna?

Ynamym, yhlasym, arzuw-maksadym
Serhoş humar berdi dumanly sere.
Söýgi köşgüm serbaz bolup sakladym.
Bolmady. Naýzamy taşladym ýere.

Bagtym bilen tanşyp bilmedim içgin,
Gujagma buz bolup gireniň üçin.

**5**

Gujagma buz bolup gireniň üçin
Sallahyň öýi deý sowady kalbym.
Oklykirpi giren bakjamyň içi
Eňňere bolansoň... silkinip galdym.

Suw bolsa bireýýäm seňrikden agan,
Ne böwet galypdyr, ne-de bir kenar.
Haýyn hyýanaty juda giç aňan
Söýgim ne gül açdy, ne tapdy kemal.

A men welin ýaragsyzam göreşdim,
Ýüzüne tüýkürdim bialaçlygyn.
A men öňküdenem beter garaşdym,
(Ýola bakyp, ýolda geçdi ýaşlygym).

Ejizlik perdesin ýüzümden syrdym,
Ojagňa ot bolup, göz ýumup girdim.

**6**

Ojagňa ot bolup, göz ýumup girdim,
Soňam çykdym tüsse bolup, kül bolup.
Gury ýandak bilen gözýaşym syrdym —
Ahmyr baýyň gapysynda gul bolup.

Misli käkiligiň çülpeleri deý,
Dyr-pytrak arzuwlam gitdiler dagap.
Doňdum — göýä gaýa daňlan Prometeý,
Doňdum. Gaýa döndüm. Birleşdim daga.

Ähmiýetin bilip, gymmatyn bilip,
Döküp bilseň — bu maňlaýlaň deri kän,
Arman, kör yhlasyň bagryňy dilip,
Öz aýagňa palta salýan ýeri kän.

Bu ajy hakykat — kanuna ýakyn.
Göz ýetirmek aňsat. Ylalaşmak kyn.

**7**

Göz ýetirmek ansat.
Ylalaşmak kyn,
(Aýbymyz açylsa, dilimiz gysga).
Güli görmeli biz guwanmak üçin,
Oňaýamzok ony dine bir ysgap.

Gül — öýüň bezegi, tekjede goýýas,
Lälik çaga deýin idedýäs ony.
Ol lowurdap dursa, ýeňillik duýýas,
Hem biraz gamlanýas sülleren güni.

Nämedenkä, gussa çekýäs azajyk,
Nämedenkä, günämizi gizleýäs.
Aladalar meýdanynda azaşyp,
Müň ýodadan bir dogrusyn gözleýäs.

Men bolsa ýalňyşdym—ýat güli tirdim,
Men bolsa gussadan bireýýäm irdim.

**8**

Men bolsa gussadan bireýýäm irdim,
Nediriň Keýmirden irişi deýin.
Gussa guýusyna gowasyz girdim,
Ýeri, mundan aňryk nirä gideýin?

Nakyl bar: «Müň gaýgy bir iş bitirmez».
Maňa welin ýeke gaýgam ýeterlik.
(Mümkin, başga biri özün ýitirmez,
Şu-da, näme, barypýatan ýeserlik).

Ne söwda baş goşsaň bu giň jahanda
Gaçara, kowara maý bolsa ýagşy...
Bir görseň diş yrgyldap dur dahanda,
Bir görseň artypdyr maňlaýyň «nagşy».

Gizlän ýaşym gabaklarym ýelledi,
Ýyllar möhrün maňlaýyma ýelmedi.

**9**

Ýyllar möhrün maňlaýyma ýelmedi.
Ine, saňa iň ýakymsyz alamat!
...Ýok, doganlar, başky söýgim ölmedi,
Gursagymda gürsüldäp dur salamat.

... Ýok, göwrämem entek ejizlän däldir,
Öçen däldir görejimiň uçguny.
Bu däli serimde gara saç kändir,
Giden däldir jahyllygyň göçgüni!

Ýöne, ýyllar zor geläýýä göwreden.
Sorag belgisine dönderýä ony:
«Aýt, ýogsa-da, näme berdiň döwre sen?
Ah, sorag belgisi, jogabyň hany?»

... Aýsoltandan ýeňlen Görogly deýin,
Kör düýämi başga köprä ideýin.

**10**

Kör düýämi başga köprä ideýin,
Ýa çöle siňeýin derwüşler ýaly.
Heleýden utulan Kör bagşy deýin,
Gaçaýyn, gopýança atymyň naly.

Bir sapar aldyrýa körem hasasyn,
(Gözli körden iki, üçem alarlar!)
Ölmedik söýgimiň tutaýyn ýasyn,
Belki, ýyllar dolanarlar, gelerler.

Juwanlygym dönsedi — bar geregim,
Hem «Şo barýan başky söýgiň» diýsedi!
Eýsem, nädeýin men — awçy ýüregim
Gaýry dagyň tez maralyn küýsedi...

Jeren bolup, biziň daga galmadyň.
Kyn günümde, gyz günüňde gelmediň.

**11**

Kyn günümde, gyz günüňde gelmediň.
Ter gunça isledi şeýdaýy göwnüm.
Ganat bekläp, al-asmana galmadyň,
Söýgim, bogazymda ömürlik düwnüm!

«Aýby ýok azaşan yzyny tapsa»,
Diňe yhlas edip gözleseň bolýa!..
Bir gün gözýaş söýgiň garagyn gapsa,
Söýgi ker bolanok — ol şo gün... ölýä

Başky söýgim bilen baky hoşlaşdym
Seniň welin ahmal dolanaýmagyň.
Zöhre ýyldyzymdyň. Indi daşlaşdyň—
Dolan Aý bolsaňam, dolanaýmagyn!

Perdesiz, gapaksyz bir dutar deýin,
Gül günümde, dul günüňde nädeýin?!

**12**

Gül günümde, dul günüňde nädeýin,
Ykbalymyz aýry, ýolumyz aýry.
Jezadan soň ýuwlan bir günä deýin,
Jepamyň söýgime degmedi haýry.

Bir jadygöý duýgy gözlerim baglap,
Suwdan alyp, oda saldy şo gezek.
(Ýetim galan çaga «emme» diýp aglan,
Soňam emzik sorup, gülmese gerek!..)

A biz tanyşmanam bilerdik oňup,
A bu gün parhy ýok—kim kimi saýlan.
Telim sapar daş deý, buz deýin doňup,
Ahyr ereýşime özümem haýran.

Bir görseň dogram-da, şeýle-dä, hawa:
Iki körüň ýoly düşmezmiş sowa.

**13**

Iki körüň ýoly düşmezmiş sowa.
Bu ýagty ýalançyň tümlügne bakman,
Müň ýodaly ýollar dönüp oklawa,
Olary pete-pet getirmiş hökman.

Dymarmyşlar, durarmyşlar az salym,
Soňra hersi öz ýoluna gidermiş...
Şeýdip duşýa ymgyr çölden ýol salyp,
Agyr kerwen bilen ýeke-täk derwüş.

Gaýtadan duşuşmak ikimize kyn,
(Bu netijä doly esas bar bu gün).
Söýgimiz düýş bu gün birimiz üçin,
A birimiz üçin — köýen ar bu gün.

Hemme kişä ýetmek ýokmuş arzuwa.
Süýtde agzy bişen üflärmiş suwa...

**14**

Süýtde agzy bişen üflärmiş suwa.
Sözüm ýok; birkemsiz gözümem ýetdi.
Owsun atdym hol ýokarky arzuwa,
Ol bolsa ondanam ýokaryk gitdi.

Sülleren güllerme aglamok hergiz,
Gül beren günlerme agyrýa nebsim...
Yşk serhedim bozup geçäýse bir gyz
Okum bu sapar bir kükrekden degsin

A häzir gezeýin derdimi gizläp,
Jogap gözläp sansyz «nämüçinlere».
A häzir gezeýin bir ýoda gözläp,
Oýlar jeňňelinden çykyp gidere.

A häzir .... Ädimläp bilemok dogry,
Göýä Aýsyz gije azaşan ogry.

## MAGISTRAL

Göýä Aýsyz gije azaşan ogry —
Terk eden ýyllarma dolandym yza.
Garaşanym dogry, garanym dogry
Öýkesi näzinden agdygrak gyza.

Gujagma buz bolup gireniň üçin,
Ojagňa ot bolup, göz ýumup girdim.
Göz ýetirmek aňsat. Ylalaşmak kyn.
Men bolsa gussadan bireýýäm irdim.

Ýyllar möhrün maňlaýyma ýelmedi:
Kör düýämi başga köprä ideýin.
Kyn günümde, gyz günüňde gelmediň,
Gül günümde, dul günüňde nädeýin?

Iki körüň ýoly düşmezmiş sowa...
Süýtde agzy bişen üflärmiş suwa...

# MAZMUNY

Durmuş .......... 2
Pellehana .......... 3
Düşünişmezlik .......... 6
Belki gelersiň .......... 7
“*Dag başynda mesgen tutan bürgüdi...*”.......... 9
Däliden dogry habar .......... 10
Hawa, dogry .......... 11
M.A. .......... 12
Bilýäňmi kim sen .......... 13
Garagyň aksyn .......... 15
Gutulgysyzlyk .......... 17
Pursat .......... 18
Ak goşgy .......... 19
Sen aýdym aýdaňda .......... 20
“*Gyş göterýär gülberin...*” .......... 21
Sen we öýmäň .......... 24
Daglar hem-de adamlar .......... 26
Sen we söýgim .......... 29
Ebediligiň gymmaty .......... 30
Perwana .......... 33
Geçmişe syýahat .......... 35
Çatrykda .......... 37
Ejizlik .......... 39
“*Bilmeýän ýok söýgiň niçik zatdygyn...*” .......... 40

Geçmişden bir sahypa ........................................................................ 41
Sensiz ..................................................................................................... 42
Antipod ................................................................................................... 43
*“Saňa bolan duýgymy...”* ...................................................................... 45
Göräýmäge .............................................................................................. 46
*“Şahyr söýgi hakda goşgy okaýar...”* ....................................................... 47
Uruşly kino surata düşürilýär ................................................................. 48
Toý ......................................................................................................... 49
Aýratyn agram ........................................................................................ 51
Ýalňyzlyk ballada .................................................................................... 52
Ömür hakda oýlanma ............................................................................... 54
Ýyldyz süýnýär ........................................................................................ 56
Bu dert mugt berilenok ............................................................................ 57
Gorpuňam bir kenary bormy ................................................................... 59
Elegiýa .................................................................................................... 60
Bagt guşy hakda oýlanma ........................................................................ 61
Nämüçin?... ............................................................................................. 62
Ene hakda rowaýat .................................................................................. 65
Şeýle bir gün geler ................................................................................... 68
Ýerçeken ................................................................................................ 71
Düýş ....................................................................................................... 73
*“Biri ýoldan gyzyl tapdy bir tokga...”* ....................................................... 75

Kasam ........................................................................................ 76
*“Şeýle bir owadan gyz geçip barýar...”* ..................................................... 78
Käbir ýar gözleýän şahyrlara ................................................................ 79
Ýazmajak bolup ýazylan goşgy .............................................................. 81
Göwreli türkmen gelininiň synasyndan çykan owaz................................. 83
Annasoltan ................................................................................... 84
Heýkelller ýylgyrmaýar ..................................................................... 87
G.M ............................................................................................. 92
Ýitdiler ........................................................................................ 93
Bitaý horjun ................................................................................... 94
Sygan bagşy (poema) ........................................................................ 95
Ýol başynda ene bilen (poema) ........................................................... 103
Daýanç nokady (publisistik poema) ..................................................... 111
Artykmaç şaýatlar (poema) ................................................................ 118
Ullakan sanlar hakda kiçijik poema ..................................................... 126
Gözleg (sonetler çemeni) .................................................................. 134